TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÇAGALAR BIZIŇ KALBYMYZYŇ BUÝSANJY, ÖÝLERIMIZIŇ ÝARAŞYGY, BAGTYÝAR DURMUŞYMYZYŇ GÜL-GUNÇALARY, ÖMRÜMIZIŇ DOWAMATYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
31-nji maý, 2024. Belgisi 22/1588



# OBA HOJALYGYNDAKY IŞLER – ÖSÜŞIŇ MÖHÜM GÖRKEZIJISI

*27-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan möwsümleýin işleriň barşy bilen bagly meselelere garaldy.*

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda gowaça ekilen meýdanlarda ýekelemek, otag etmek, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar. Şunda oba hojalyk tehnikalaryndan netijeli peýdalanylýar. Welaýatlarda galla oragyna başlamaga, möwsümi guramaçylykly geçirmäge taýýarlyk görüldi. Sebitleriň ekerançylyk meýdanlarynda ýeralma we beýleki gök-bakja ekinlerine ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak boýunça işler geçirilýär.

Mundan başga-da, häkimler welaýatlarda mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş möwsümine, Çagalary goramagyň halkara gününe, Bütindünýä welosiped gününe taýýarlyk görlüşi, ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky hem-de binalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, häzirki wagtda welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynda ýaýbaňlandyrylan möwsümleýin işleriň, hususan-da, gowaça meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehniki möhletlerde we ýokary hilli ýerine ýetirilmegini, galla oragy möwsümine talabalaýyk taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi häkimlere tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulan dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy häkimlere tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň hemaýat-goldawlary netijesinde pagtaçy daýhanlarymyz tarapyndan gowaça meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, hatarara bejergi, ýekelemek, otag etmek, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Bu işlerde oba hojalyk tehnikalaryndan netijeli peýdalanylýar. Şunuň bilen birlikde, welaýatlarda galla oragy möwsümini guramaçylykly geçirmek, ösdürilip ýetişdirilen bugdaý hasylyny öz wagtynda ýygnap almak üçin taýýarlyk görülýär. Ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ýokary hasylyny ösdürip ýetişdirmek, bu önümler bilen ilaty bolelin üpjün etmek maksady bilen, häzirki wagtda ýazlyk ekinlere ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak işleri dowam edýär. Welaýatlarda ýüpek gurçugyna ideg etmek, ýetişdirilen pile hasylyny ýygnap almak, pile tabşyrmak baradaky bellenilen meýilnamany üstünlikli berjaý etmek boýunça degişli işler geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda oba hojalyk pudagynyň öňünde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi we galla oragy möwsümine guramaçylykly girişilmegini, gowaça meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, talabalaýyk alnyp barylmagyny gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ýene-de bir gezek ünsi çekip, ýazlyk ekinlere ideg işleriniň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini, ekerançylyk meýdanlarynda zyýankeşleriň ýüze çykmagynyň öňüni almak boýunça degişli işleriň geçirilmegini tabşyrdy.



## TÜRKMENISTAN – GDA: HYZMATDAŞLYKDA ÝETILEN SEPGITLER

Ýurdumyzda daşary syýasat ugry parahatçylyk söýüjilik hem-de «Açyk gapylar» syýasaty esasynda alnyp barylýar. Şol ugra gönükdirilen daşary syýasatda dünýä döwletleri, halkara we sebit guramalary bilen özara bähbitlilik, deňhukuklylyk hem-de birek-birege hormat goýmak ýörelgeleri esasynda gatnaşyklar işjeň ösdürilýär.

Ýurdumyzyň işjeň hyzmatdaşlyk edýän guramalarynyň biri hem Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy guramasydyr. Hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň assosirlenen agzasy bolup durýan Türkmenistan GDA-nyň çäklerinde syýasy, söwda-ykdysady hem-de medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň ösdürilmegine saldamly goşant goşýar. 3



## HALKARA GATNAŞYKLARYŇ MÖHÜM UGRY

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik işleriniň häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilmegi netijesinde hemişelik Bitaraplyk we «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredýän, dünýä ýurtlary bilen hoşniýetli, dostlukly gatnaşyklary ýola goýýan Türkmenistan deňiz, howa, demir ýol we awtomobil gatnawlaryny öz içine alýan Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta ulagüstaşyr geçelgeleriniň häzirki zaman ulgamyny döretmek boýunça iri taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýär.** 3



## SAHAWATLYLYK DÖWLETLILIKDEN NYŞAN

29-njy maýda Lebap welaýat köpugurly hassahanasynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna Germaniýa Federatiw Respublikasyndan satyn alnan «Dialog+» kysymly gemodializ enjamynyň ikisiniň sowgat berilmegi mynasybetli dabara geçirildi.

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «B.Braun» kompaniýasynyň döwrebap tehnologiýalar esasynda işlenip taýýarlanylan täze görnüşli emeli böwrek enjamlary dializ bejergisiniň häzirki wagtda mälim bolan ähli görnüşlerini geçirmäge mümkinçilik berýär. Bu enjamlar dowamly böwrek ýetmezçiligi keselinden ejir çekýän näsaglary has täsirli bejermäge, şunuň esasynda olaryň ýaşaýşyny gowulandyrmaga, ömrüniň dowamlylygyny uzaltmaga ýardam edýär. 3

## WELOSIPED GÜNÜNIŇ ÄHMIÝETI



«Bütindünýä welosiped güni» Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2018-nji ýylyň aprel aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisinde esaslandyryldy. Onuň Kararnamasynyň awtordaşlary hökmünde 56 döwlet çykyş etdi. Bu Resminama iri gurama agza döwletleriň ählisi tarapyndan gyzgyn garşylandy. Häzirki wagtda dünýäniň ençeme döwletinde welosiped gününe bagyşlanyp dürli çäreler, welosipedli ýörişler guralýar, welosiped ýodalary açylýar.

Kararnamada bellenilişi ýaly, onda ösen we ösüp barýan döwletlerde welosiped sürmegi şäher we oba şertlerinde guramak we ösdürmek, şeýle-de ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek, welosiped sürüjileriň sanyny köpeltmek, awtoulaglardan çykýan gazlaryň möçberini kemeltmek esasy wezipeler bolup durýar. 3

## TOMUSKY DYNÇ ALYŞ MÖWSÜMI ÇAGALARA ŞATLYK PAÝLAR

*1-nji iýun – Çagalary goramagyň halkara güni. Bu mynasybetli ýurdumyzda dürli çäreler, sergiler, aýdym-sazly şowhunly dabaralar geçiriler. Tomusky dynç alyş möwsüminde çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda medeni-köpçülikleýin çäreler, döredijilik, zehin bäsleşikleri, sport ýaryşlary guralar. 1-nji iýunda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň howandarlyk etmeginde yglan edilen «Biz – Arkadag Serdarly Watanyň bagtyýar nesilleri» atly surat çekmek bäsleşiginiň jemlerini jemlemek we ýeňijilere baýraklary gowşurmak dabarasyny geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem iýun aýynda Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynda çagalaryň tennis festiwaly geçiriler. Bu barada 24-nji maýda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde bellenilip geçildi.*





Aşgabadyň etegindäki gözel Gökdere jülgesinde hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynda ýerleşýän çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde tomusky dynç alyş günlerinde ýaş türkmenistanlylary kabul etmäge uly taýýarlyk görüldi. Çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde taýýarlyk işleriniň aýratyn guramaçylykly ýola goýlandygyny bellemek bolar. Bu sapaly mekanlarda çagalaryň kadaly dynç almaklary, dürli ugurlar boýunça zehinlerini ýüze çykarmaklary, zähmet endiklerini kemala getirmekleri üçin ähli şertler döredilipdir. Merkezlerde möwsümiň dowamynda ýaş nesilleri hünärlere ugrukdyrmak we durmuşa taýýarlamak maksady bilen, hünär hem-de aýdym-saz gurnaklary hereket eder. Çagalaryň daşary ýurt dilleri, kompýuter sowatlylygy boýunça bilimlerini artdyrmak, ýazyjy-şahyrlar, ussat medeniýet we sungat işgärleri bilen duşuşyklary, döwrebap kärhanalara, tebigatymyzyň gözel ýerlerine, muzeýlere, taryhy-medeni ýadygärliklere gezelençlerini guramak işleri hem göz öňünde tutulýar. 2

**Planetalar hatara düzüler**
Birden köp planeta asman giňişliginde köplenç bir hatara düzülýär. Emma köp planetanyň bir hatara düzülmegi seýrek duş gelýär. Planetalar asman giňişliginde dos-dogry çyzygyň üstünde durmasalar hem biri-birlerine ýakyn çyzykda ýerleşerler. 4

**Mürepbe nämelerden taýýarlanýar?**
Tomus paslynyň gelmegi bilen ir-iýmişler ýetişip, gyş paslyna taýýarlyk möwsümi başlanýar. Bu möwsümde öý bikeleri ertirlik saçagyny bezeýän süýjülikleriň biri bolan mürepbäniň dürli görnüşini taýýarlaýarlar. 5

**«Anora» 77-nji Kann film festiwalynyň ýeňijisi**
Dünýäniň iň abraýly film festiwallarynyň biri bolan Kann film festiwaly tamamlandy. 77-nji gezek geçirilen festiwalda «Anora» (Anora) filmi baş baýraga – «Altyn palma» mynasyp boldy. 6

**17-nji Ýewropa çempionatynyň duşuşyklarynyň geçiriliş tertibi** 8

## Suwasty syýahat guralar

Amerikan işewürleri Larri Konnor bilen Patrik Laheý «Titanik» gämisiniň batan ýerine suwasty syýahaty guramakçydyklaryny mälim etdiler. Batanyna 110 ýyldan gowrak wagt bolan gäminiň galyndylary Atlantik ummanynyň demirgazygynda suwuň 3 müň 800 metr aşagynda ýatyr. Işewürler bu çuňluga barmak üçin «Triton 4000/2 Abyssal Explorer» atly suwasty gämiden peýdalanmagy maksat edinýärler. Laheý «Triton Submarines» atly kompaniýanyň esaslandyryjylarynyň biri bolup, bu ugurda tejribeli hünärmenleriň biridir. Konnor bolsa, gozgalmaýan emläk kompaniýasyna ýolbaşçylyk edýär. Konnoryň kompaniýasy suwasty syýahatyň deňizçilik guramasy tarapyndan doly tassyklanandan soňra amala aşyryljakdygyny mälim etdi. Bu kyn syýahatda ulanyljak gämi 4 müň metre çenli çuňluga gitmäge ukyply bolar.



Suwuň aşagyna gidildigiçe basyş ýokarlanýar. Şol sebäpli suwuň aşagyna näçe çuňluga gidiljek bolsa, gämi hem şonçarak berk bolmaly.

**Aýgül SAPAROWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

## TOMUSKY DYNÇ ALYŞ MÖWSÜMI ÇAGALARA ŞATLYK PAÝLAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle hem çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde bar bolan döwrebap sport desgalarynda sportuň dürli görnüşleri, şol sanda milli oýunlar boýunça ýaryşlary, bäsleşikleri yzygiderli geçirmek meýilleşdirilýär.

Mundan başga-da, tomusky dynç alyş döwri gyzykly wakalara, täze dostlar bilen şatlykly duşuşyklara baý bolýar. Mahlasy, bu bagtly çagalygyň hakyky, dürli öwüşginli we gyzykly dünýäsidir. Tomus paslynda çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde işlemek üçin tejribeli mugallymlar we terbiýeçiler, lukmanlar we aşpezler saýlanyp alynýar. Tomusky dynç alyş ýerleriniň çäklerinde türgenleşdiriş zallary, tennis kortlary, futbol, woleýbol, basketbol ýaly sport oýunlaryny oýnamak üçin sport meýdançalary ýerleşýär. Mundan başga-da, ýüzmek boýunça ýaryşlary geçirmek üçin üsti ýapyk we açyk tomusky howuzlar bar.



Çagalaryň dynç alyş maksatnamasy dürli sport, aň we döredijilik bäsleşiklerini, sergileri özünde jemleýär. Dynç alyş merkezlerindäki tomusky dynç alyş keýpiçaglygy, begenç we şatlyk duýgularyny, ýatda galyjy täsirleri, täze dostlary wada berýär. Çagalaryň köpüsi wagtyny şadyýan we manyly geçirmek üçin dynç alyş merkezlerinde bolup, medeniýetli dynç alýarlar. Bu ýerde olar täze dostlary tutunýarlar, dürli oýundyr güýmenjeler bilen meşgul bolýarlar. Dynç alyş we sagaldyş merkezleriniň guraýan çäreleri çagalaryň döredijilik bilen meşgullanmagynyň iň gowy usulydyr. Gyzykly çäreleriň dowamynda çagalar topar bolup işlemegi we her bir işde birek-biregi goldamagy öwrenýärler. Bu ýerde beden we ruhy taýdan berkän çagalar täze okuw ýylynda uly güýç bilen mekdep partalarynyň başyna geçerler.

**Arslan BAÝRAMMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Iki müň kilometr ýol geçýär

Hytaýyň BYD kompaniýasy bir gezekki zarýady bilen 2 müň kilometrden köp ýol geçip bilýän täze gibrid ulaglaryny tanyşdyrdy. Geçirilen synaglarda benzin hem-de elektrik energiýasy bilen işleýän ulaga gaýtadan ýangyç guýmazdan we zarýad bermezden 2 müň 500 kilometr ýol geçip bolandygy bellenilýär. Ulagyň ilkinji nobatda hytaý bazaryna hödürlenjekdigi, soňra eksport ediljekdigi mälim edildi.



Şeýle hem kompaniýa täze iki sedan modeliniň hem satuwa taýýar edilendigi, olaryň bahasynyň 100 müň ýuandan (13 müň 800 dollar) arzan boljakdygy habar berýär.

**Maýa GURBANGELDIÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Syýahatçy sany artdy

Aprel aýynyň ahyrynda Italiýanyň kanallar şäheri bolan Wenesiýa günin girip çykjak syýahatçylar üçin 5 ýewro töleg girizilipdi. Gysga wagtda bu usul arkaly 1 million ýewro gazanylandygy mälim edilipdi. Maglumata görä, 25-nji aprelden 5-nji maýa çenli 195 müň giriş petegi satylyp, 975 müň ýewro girdeji alnypdyr. Şeýle-de bolsa, bu düzgün şähere girýänleriň sanyny azaltmandyr, hatda ozalky ýyllardakydan hem köp bolupdyr. Düzgüne görä, şähere giriş 08:30-dan 16:00 aralygynda tölegli. Günüň dowamynda şäherden çykjak myhmanlar degişli tölegi telefon arkaly elektron usulda töläp bilýär. Synag maksady bilen ýola goýlan bu düzgün iýulyň ortasyna çenli dowam etdiriler. Synag möhletinden soňra giriş tölegi iki esse gymmatladylar.



**Soltanguly NURMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Agaçdan ýasalan emeli hemra

Ýaponiýada agaçdan ýasalan emeli hemra kosmosa iberiler. «LignoSat» atly enjamyň agramy bary-ýogy 1 kilogram töweregi. «Sumitomo Forestry» (SFC) kompaniýasy bilen Kýoto uniwersitetiniň bilelikde işläp taýýarlan enjamynyň taýýar bolandygy mälim edildi. Bilelikdäki beýanatda arzan bahaly, daşky gurşawa zyýansyz kosmos tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak maksady bilen ýola goýlan taslamanyň çäklerinde enjamyň 4 ýylda öndürilendigi aýdyldy. Kosmosa goýberiljek enjamda çüý, ýelim ýaly zatlar ulanylman, bölekleri diňe adaty usullar arkaly birleşdirilipdir. Kiçi göwrümli emeli hemra Halkara Kosmos Bekedinde geçirilen synaglarda berkligi we çat açmaga garşy durujylygynyň ýokarydygy anyklanan magnoliýa agajyndan ýasalypdyr. Emeli hemranyň sentýabr aýynda ABŞ-nyň Kennedi adyndaky kosmodromyndan orbita goýberiljekdigi mälim edildi.



**Jennet ATDAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## GUWANDYRYJY YKDYSADY ÖSÜŞLER

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr.



Mary welaýat Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň, Ak bugdaý etrabynyň Ýaşlyk şäherçesinde kuwwaty bir gije-gündizde 30 müň kubmetre deň suw arassalaýjy desgasynyň, paýtagtymyzyň Bagtyýarlyk etrabynda kuwwaty bir gije-gündizde 150 müň kubmetr bolan «Bagtyýarlyk» agyz suwuny arassalaýjy desgasynyň ulanmaga berilmegi, Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň işe girizilmegi, «Çoganly» ýaşaýyş toplumynda iki gatly ýaşaýyş jaýlarynyň 136-synyň açylmagy ýurdumyzyň täze döwürde ösüşleriň täze belentliklerine göterilýändiginiň alamatydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe paýtagtymyzda hem-de welaýatlarda dünýäniň ösen tehnologiýalaryny ulanmak arkaly, halkara ölçeglere laýyk gelýän ýokary hilli awtoulag ýollaryny we köprüleri gurmak, bar bolanlarynyň durkuny täzelemek boýunça işler alnyp barylýar. Şunda döwrebap binagärlik-gurluşyk talaplaryndan ugur alynýar. Ýakynda Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil



ýolunyň Tejen–Mary böleginiň ulanmaga berilmegi bu ugurdaky tutumly işleriň üstüni ýetirdi.

Ýakynda hormatly Prezidentimiz Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň ilaty üçin niýetlenen täze ýolagçy awtobuslarynyň açarlaryny gowşurdy. Täze ýolagçy awtoulaglary etraplardan şähere gelýän ýolagçylara, şeýle hem şäherýaka ilatly ýerleriň ýaşaýjylaryna hyzmat eder. «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň maddy-tehniki binýadynyň pugtalandyrylmagy, ýerine ýetirilýän şeýle işler awtoulag hyzmatlarynyň hilini we medeniýetini has-da ýokarlandyrmaga şert döredýär.

Ýurdumyzyň gazanýan ykdysady ösüşlerine hususy pudagyň wekilleriniň goşandy uludyr. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça geçen ýylda oba hojalyk hem-de azyk önümleriniň ösüş depgini 111,7 göterim, senagat önümçiliginiň ösüş depgini 106,7 göterim ýerine ýetirildi. Birleşmäniň agzalarynyň sany ýylsaýyn köpelýär. Häzirki wagtda onuň agzalarynyň 29 müňe golaýy halk hojalygynyň dürli pudaklarynda iş alyp barýar. Hususy pudagyň wekilleri senagat, oba hojalygy, ulag, ýol gurluşygy, energetika ýaly möhüm ulgamlarda iri möçberli gurluşyk taslamalaryny durmuşa geçirýärler. Olar ýaşaýyş jaý toplumlaryny, kottejleri, seýilgäh zolaklaryny, dolandyryş-işewürlik merkezlerini gurýarlar. Olar geçen ýyl binalardyr desgalaryň 1200-den gowragyny gurdular. Häzirki wagtda hususy gurluşyk kärhanalary Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygynda işleri gyzgalaňly alyp barýarlar. «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, hususy telekeçilik mundan beýläk-de ösdüriler. Çünki milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagynda döwlete dahylsyz pudagyň tutýan orny barha artýar. Hormatly Prezidentimiziň jemi içerki önümiň düzüminde hususy pudagyň paýyny 71,4 göterime ýetirmegiň ileri tutulýan möhüm wezipeleriň biri hökmünde kesgitlenendigini aýratyn bellemek gerek.

**Muhammetaly NURULLAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Ösüş çaklamasyny ýokarlandyrdy

Halkara Pul Gaznasy (HPG) birinji çärýekdäki ýokary ösüşi hem-de soňky wagtlarda alnyp barylýan syýasatyň täsiri bilen Hytaýyň ösüş çaklamasyny ýokarlandyrdy. Halkara Pul Gaznasy mundan ozal ýurduň 2024-nji ýylda 4,6 göterim ösüş gazanjakdygyny çaklan bolsa, indi bu görkezijini 5 göterime çykardy. Şeýle hem ýurduň ykdysady ösüşiniň geljek ýylky ösüş çaklamasyny 4,1 göterimden 4,5 göterime ýokarlandyrdy.



Gaznanyň çaklamasyna görä, 2029-njy ýylda ýurduň ykdysadyýeti ilatyň ortaça ýaşynyň ýokarlanmagy hem-de önümçiligiň ösüşiniň haýallamagy bilen 3,3 göterim ösüş gazanjakdygyny belledi.

**Otuz ŞAJANOW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Göz açyp-ýumasy salymda çözdi

Golaýda Ýaponiýada işlenip taýýarlanan bir robot Rubigiň kubjagazyny 30 millisekuntda çözdi. Roboty işläp taýýarlanlar bu wagt böleginiň göz açyp-ýumasy salyma barabardygyny belleýärler. Bilermenler robotyň kubjagazy has gysga wagtda hem çözüp biljekdigini, emma şeýle edilende oýunjagyň döwüljekdigini aýdýarlar.



Rubigiň kubjagazyny çözmekde adamlaryň arasyndaky rekord amerikaly Maks Parka degişli. Ol bu tapmaçany 3,13 sekuntda çözdi. Bu rekordy täzelemek aňsat bolmasa-da, robotyň tizligi bilen deňeşdirilende örän «haýal».

Robotlaryň bu ugurdaky rekordy gysga wagtda uly ösüş gazandy. 2009-njy ýylda bir robot Rubigiň kubjagazyny 1 minut 4 sekuntda çözüp rekord goýupdy. Indi bolsa bu görkeziji ýarym sekunda düşdi.

**Bezirgen DÖWRANOW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## JEM GYÝETIŇ SAGDYNLYGY – ÝURDUMYZYŇ ABADANLYGY

Gözel tebigatyň adamzada berýän ähli eşretlerini nazara alyp, ählumumy ekologiýa howpsuzlygyny we durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, her ýylyň 5-nji iýunynda Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni bellenilýär.

Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni öz taryhyny 1972-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan geçirilen maslahatdan alyp gaýtmak bilen, döwletleriň we halkara bileleşiginiň ekologiýa syýasatynda örän möhüm orun aldy. Şol döwürden başlap, bu sene hökümetleriň, döwlet we hususy pudaklaryň, raýat jemgyýetiniň düýpli ekologiýa meselelerini çözmek üçin köpugurly tagallalaryny birleşdirip, tebigaty goramak babatda çäreleri geçirmekde iň meşhur gün hökmünde belli edildi.

Eziz Diýarymyzda Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni giňden bellenilýär. Diýarymyzyň tebigy baýlyklaryny we gaýtalanmajak gözelligini geljekki nesiller üçin gorap saklamak, daşky gurşawyň ýagdaýyny sagdynlaşdyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Ýurdumyzyň ykdysady we durmuş ulgamlarynda kabul edilen ähli iri milli özgertmeler maksatnamalary we meýilnamalary Durnukly ösüş maksatlarynyň ugurlary, şol sanda ekologiýa düzümi bilen berk utgaşýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1972-nji ýylyň 15-nji dekabrynda geçirilen 27-nji sessiýasynda kabul eden Kararnamasyna laýyklykda, 5-nji iýun



– Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni diýlip yglan edildi. Şondan soň bu sene her ýyl Ýer ýüzünde bellenilip geçilýär. Şeýle-de, şol sessiýada ekologiýa çäreleri durmuşa geçirmek maksady bilen hemişelik hereket edýän edara – Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşawy goramak boýunça Maksatnamasy (ÝUNEP) döredildi.

Türkmenistan 1995-nji ýyldan bäri ÝUNEP-iň agzasy bolup durýar. Döwletimiziň bu gurama bilen hyzmatdaşlygy Merkezi Aziýa we Hazar sebitinde tebigaty goramakda möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle-de, döwletimiz abraýly halkara guramalaryň köp sanlysynyň we daşky gurşawy goramak boýunça konwensiýalaryň örän uly toplumynyň işjeň agzasydyr. Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak hakynda Çarçuwaly Konwensiýasy we Merkezi Aziýada durnukly ösüş üçin daşky gurşawy goramak boýunça Aşgabat Konwensiýasy ýaly halkara hukuk resminamalary bolsa ýurdumyzyň sebitleýin ekologiýa hyzmatdaşlygynyň hukuk esaslaryny düzýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 53-nji maddasynda «Her bir adam tebigaty goramaga, daşky gurşawa we tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmäge borçludyr» diýip bellenilmegi bolsa, ekologiýa abadançylygyny gorap saklamakda we tebigata aýawly çemeleşmekde, ýurdumyzda alnyp barylýan durmuş-ykdysady özgertmeleriň möhüm ugrudygyny mälim edýär.

**Dawut AHMEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Dinozawrlaryň aýak yzy tapyldy

Hytaýly arheologlar 400-den gowrak dinozawr aýak yzlarynyň üstünden bardylar. Bu taryhy tapyndy 120 million ýyl bilen senelenýär. Açyş edilen ýerde mundan ozal hem dinozawrlara degişli galyndylar tapylypdy. Şol sebäpli ol ýer Dinozawr dagy diýlip atlandyrylýardy. Dinozawryň aýak yzlarynyň bardygyny daglyk meýdanda goýun bakýan ýerli ýaşaýjylar aýdypdyr. Soňra arheologlar bu ýerde gözleg işlerini geçirenlerinde dinozawrlaryň aýak yzlarynyň bardygyny anyklapdyrlar. Hytaýly arheologlar aýak yzlarynyň dinozawrlaryň üç görnüşine degişlidigini aýdýarlar.



Sebitde 1938-nji ýyldan bäri 120 dinozawryň aýak yzy tapylypdyr.

**Akmuhammet TEMIROW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby.*

## Wodorod taslamasyna goldaw berler

Ýewropa Bileleşigi 7 ýurduň wodorod ýangyjy bilen bagly bilelikdäki taslamalaryna 1,4 milliard ýewro goldaw bermek kararyna geldi. Germaniýa, Fransiýa, Italiýa, Ispaniýa, Niderlandlar, Slowakiýa we Estoniýa arassa energiýa hasaplanýan wodorodyň önümçiligini artdyrmak üçin ylmy-barlag işleri, innowasiýa we senagatda ornaşdyrylmagy üçin bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegi meýilleşdirýär.



Ýewropa Komissiýasynyň beýanatynda wodorod bilen bagly taslamalaryň 2050-nji ýyla çenli ulag pudagyndaky emissiýanyň 90 göterime çenli azaldylmagyna ýardam edýändigi bellenilýär. Şeýle hem taslamalaryň çäklerinde wodorodyň ýangyç hökmünde ulanylyşynyň höweslendiriljekdigi, agza ýurtlar tarapyndan berlen maliýe goldawynyň umumy bahasy 3,3 milliard ýewrolyk hususy maýany herekete getirjekdigi aýdyldy. «Airbus», BMW we «Michelin» ýaly 11 kompaniýa bu taslama öz goşantlaryny goşarlar.

**Kerem ANNAORAZOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## ULY HÖWES BILEN ABUNA ÝAZYLÝARYS

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli ulgamlary bilen bir hatarda neşirýat ulgamy hem düýpli ösýär. Döwür bilen aýakdaş barýan ýurdumyzyň neşirýat ulgamynda ýetilýän sepgitler muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyzda çap edilýän islendik gazet-žurnallary diňe bir kagyz görnüşinde däl, eýsem, ykjam el telefonlaryň, ýan kompýuterleriň üsti bilen okamak, gündelik täzelikler bilen tanyşmak mümkin. Ýurdumyzda çap edilýän beýleki gazet-žurnallar bilen bir hatarda «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň okyjylarynyň köpdügini aýratyn bellemek gerek. Çünki gazet sahypalarynda, elektron saýtlarynda diňe bir ýurdumyzdaky däl, eýsem, dünýädäki täzelikler giňden beýan edilýär. Gazetiň habarlar, dünýä täzelikleri, sport, sungat, syýahatçylyk, ykdysadyýet, edebiýat, tehnologiýa ýaly bölümlerinde gyzykly,



manyly makalalary, täzelikleri okamak, tanyşmak mümkin. Şeýle hem gazetde peýdaly maslahatlar, çagalar üçin dürli oýunlar, krosswordlar, skanwordlar yzygiderli çap edilýär. Munuň özi her bir okyjynyň boş wagtyny gyzykly, mazmunly geçirmäge mümkinçilik berýär. Şu günler dowam edýän 2024-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygyna Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň işgärleri, işjeň agzalary uly höwes bilen ýazylýarlar. Ähli watandaşlarymyzy «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron we çap edilýän görnüşine 2024-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylmaga çagyrýarys. Çünki gazetiň elektron we çap edilýän görnüşleri bilen wagtyňyz manyly, mazmunly we gyzykly geçer. 2024-nji ýylyň II ýarym ýyllygy üçin elektron abuna ýazylyşygyna el telefonlaryň üsti bilen hem abuna ýazylmak mümkin. Bu bolsa biziň her birimiziň wagtymyzy tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 31-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114091
Belgisi: 22/1588
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## Welosiped gününiň ähmiýeti

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiziň parasatly we öňdengörüjilikli başlangyçlary boýunça Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynda welosiped sportuny ösdürmek boýunça birnäçe toplumlaýyn maksatnamalary kabul edýär. Şeýle-de, ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy bilen döredilen Bütindünýä welosiped güni ýokary derejede giňden bellenilýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň senenamasynda bu senäniň peýda bolmagy ýurdumyzyň bedenterbiýe-sagaldyş we sport hereketini ösdürmäge milli, sebit hem-de ählumumy möçberde jemgyýetiň ekologiýa medeniýetini kämilleşdirmäge goşýan ägirt uly goşandynyň ýokary bahasynyň subutnamasyna öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan öňdengörüjilikli döwlet strategiýasynyň netijesinde häzirki wagtda bedenterbiýe-sagaldyş we sport hereketi Türkmenistanda giň gerime eýe boldy. Welosiped sporty bilen meşgullanýan türkmenistanlylaryň sany ýylsaýyn artýar. Sportuň bu görnüşi, sözüň doly manysynda, ýurdumyzda täze galkynyşa eýe boldy. Sanlyja ýylyň dowamynda Türkmenistan welosipediň diňe bir sebitde däl, eýsem, halkara derejede wagyzçysyna öwrüldi. Ine, muňa anyk delilleriň käbiri:

☑ Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy esasynda 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi;

☑ 2018-nji ýylda köpugurly «Aşgabat» stadionynda welosiped sporty boýunça iň köpçülikleýin tälim beriş sapagy geçirildi. Şol sapaga 3 müň 246 adam gatnaşdy we bu giň gerimli çäre Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi;

☑ 2019-njy ýylda Olimpiýa şäherçesinde «Iň dowamly, bir nyzamly welosipedli ýöriş» geçirildi.



Welosipedçileriň 2019-synyň gatnaşmagyndaky bu ýöriş Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi;

☑ 2020-nji ýylyň 3-nji iýunynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda «Welosiped» binasy açyldy;

☑ 2022-nji ýylyň 15-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnama kabul edildi.

Welosiped ulagyň ekologiýa taýdan arassa görnüşidir. Welosipedli gezelençler tutuş maşgala bolup boş wagtyňy netijeli geçirmek üçin ajaýyp mümkinçilikdir. Welosipedde gezelenç etmek bedene kadaly agram salýar. Munuň özi bolsa adamyň bedeniniň möwsümleýin sowuklama we beýleki kesellere üstünlikli garşy durmagyny üpjün edýär.

Angliýanyň, Niderlandlaryň we Daniýanyň iri şäherlerinde welosiped giňden ulanylyp, gündelik durmuşda giňden peýdalanylýar. Welosiped köplenç 20 kilometrden uzak bolmadyk aralykda awtoulagyň ornuny tutýan esasy ulag serişdesi bolmagynda galýar.

Irki döwürlerde welosipediň peýda bolmagy bilen welosiped sporty hem döredi. Welosipedli ýaryşlar uly ýollarda, ýapyk we açyk welotreklerde geçirilýär. Ilkinji ýol welosiped ýaryşy 1868-nji ýylda Fransiýa bilen Angliýanyň arasynda geçirildi. ABŞ-da ilkinji welosiped ýaryşlary 1878-nji ýylda geçirildi. 1890-njy ýylda welosiped Ýewropada tomusky sportuň bir görnüşi hökmünde meşhur boldy. 1896-njy ýylda bolsa Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna goşuldy.

1900-nji ýylda Halkara welosipedçiler geňeşi (UCI) döredilip, sportuň bu görnüşiniň häzirki zaman düzgünlerini emele getirdi. Bu geňeş halkara ýaryşlaryň gözegçiligini amala aşyryp, welosiped rekordlaryny tassyklaýar we hasaba alýar.

**Nepesdurdy HOJAGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Türkmenistan we Aziýa–Ýuwaş umman sebiti

Ýurdumyzyň daşary syýasat işinde dünýäniň ähli döwletleri bilen özara bähbitli ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ilerledilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Türkmen diplomatiýasynyň dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary, sebit hem-de halkara gatnaşyklarynda özara düşünişmek we ynanyşmagy pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary dünýä derejesinde uly ähmiýete eýedir. Döwletimiziň daşary syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagynda diplomatik gullugyň üstüne örän jogapkärli wezipeler düşýär.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyndan» gelip çykýan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, döwletimizde Aziýa–Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary bilen gatnaşyklary has-da ösdürmäge uly ähmiýet berilýär.

Aziýa–Ýuwaş umman sebiti Aziýanyň döwletleriniň ýerleşýän, Ýuwaş ummanyň perimetrindäki we adalaryny öz içine alýan sebiti aňladýan syýasy we ykdysady adalgadyr. Bu sebite 58 döwlet degişlidir.

Sebitde Aziýa–Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy (APEC), Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň birleşmesi (ASEAN) we Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy (ŞHG) ýaly iri halkara hem-de sebitleýin guramalar bar.

Sebitdäki iň uly şäherler Şanhaý, Jakarta, Gonkong, Singapur, Kuala-Lumpur, Taýpeý, Seul, Tokio, Sidneý, Melburn we beýlekiler. Şeýle hem sebitde Aziýanyň infrastruktura maýa goýum banky (AIIB) we Aziýanyň Ösüş Banky (ADB) ýaly iri maliýe guramalary hereket edýär.

Iň uly halkara ykdysady birleşigi bolan Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygynyň (APEC) ýigrimi bir milli ykdysadyýeti halkara söwdasynyň 57 göterimini we jemi içerki önümiň 16 trillion dollaryny tutýar. 2030-njy ýyla çenli Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde jemi içerki önümiň ösüşiniň 70 göterime ýetmegine garaşylýar. Bu sebitiň ýurtlary ýokary tehnologiýalary iň uly import we eksport ediji ýurtlardyr.

Bu sebitiň esasy ýurtlary bolan Hytaý, Ýaponiýa, Malaýziýa we Koreýa Respublikasy ýaly ýurtlar bilen giň hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

Hytaý Halk Respublikasy häzirki döwürde ýurdumyzyň örän möhüm ykdysady hyzmatdaşlarynyň biridir. Türkmenistanda HHR bilen strategik gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. 2022-nji ýylda



Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy bellenildi. Nebitgaz ulgamy hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu ulgamda eýýäm birnäçe iri taslama amala aşyryldy. 2009-njy ýylyň ahyrynda Türkmenistan–Hytaý strategik gaz geçirijisiniň ulanmaga berilmegi munuň subutnamasydyr. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi deňhukuklylyga, özara artykmaçlyklara düşünmäge, gaz geçirijiniň işe başlamagy bilen açylan geljegi we mümkinçilikleri giňden görmäge esaslanan hakyky hyzmatdaşlygyň nyşany boldy.

Günüň dogýan ýurdy Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň gatnaşyklary has-da ösdürilýär. ITOCHU, «Sojitz», «Kawasaki Heavy Industries», «Mitsubishi», «JGC Corporation», «Chiyoda Corporation» ýaly belli korporasiýalar we beýleki kompaniýalar ýurdumyz bilen has netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Ýurdumyzda Ýaponiýanyň 2050-nji ýyla çenli wodorody öndürmek üçin öňdebaryjy tehnologiýalary, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini we kömürturşy gazyny peýdalanmagyň hasabyna 2030-njy ýyla çenli ýyladyşhana gazlarynyň çykarylyşyny azaltmak boýunça syýasaty üns berlip öwrenilýär. Häzirki wagtda bu ugurlara has uly üns berilýär.

Türkmenistan bilen Koreýa Respublikasynyň gatnaşyklary uly üstünliklere beslenýär. Koreýanyň meşhur kompaniýalary ýurdumyzda amala aşyrylýan, halkara ähmiýetli düzümleýin iri taslamalara gatnaşýarlar. Olaryň hatarynda dünýäde iň iri ýataklaryň biri bolan «Galkynyş» käninde gazy gaýtadan işlemek boýunça türkmen-koreý hyzmatdaşlygyny, şeýle hem häzirki wagtda ýurdumyzda koreý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda köp sanly maýa goýum taslamasynyň hasaba alynmagyny görkezmek bolar. Gyýanlydaky polietilen we polipropilen öndürýän gazhimiýa toplumynyň gurluşygy, ýol hereketiniň howpsuzlyk ulgamlaryny gurnamak hem-de konsultatiw hyzmat etmek üstünlikli tamamlanan bilelikdäki iri taslamalardyr. Bu Koreýanyň işewür toparlarynyň geljegi uly türkmen bazarynda eýeleýän ornuny giňeltmäge uly gyzyklanmasyny görkezýär.

Umuman, Türkmenistan Aziýa–Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary bilen syýasy, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürýär.

**Hajarbibi AŞYROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Bilim ulgamyndaky döwrebap ösüşler

Ýurdumyzda daşary ýurt dillerini öwretmek ugrunda, bagtyýar çagalarymyza döwrebap ylym-bilim bermekde degerli işler alnyp barylýar. Ösüşiň döwrebap tapgyrynda ýurdumyz durnukly ykdysady ösüşiň esasy wezipesi hökmünde bilim ulgamyny kämilleşdirmegi saýlap aldy. Milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ýaş hünärmenleri taýýarlamak babatda halkara hyzmatdaşlygyna uly ähmiýet berilýär.

Häzirki döwürde ösüşiň innowasion ugruny saýlap alan ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen ylmy-barlag we innowasion işlere has köp ähmiýet berilýär. Eziz Diýarymyzda bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk köptaraplaýyn ugurda, hususan-da halkara guramalaryň çäginde hem işjeň ösdürilýär. Munda Birleşen Milletler Guramasynyň ÝUNESKO edarasy bilen amala aşyrylýan hyzmatdaşlyk gatnaşyklary aýratyn ähmiýete eýedir.



Ýurdumyz 1993-nji ýylyň 17-nji awgustynda ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasy bolmak bilen, ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň şertnamalaýynhukuk binýadynyň üstüni yzygiderli ýetirip gelýär. ÝUNESKO-nyň ylym-bilim ulgamyndaky köp sanly konwensiýalaryna goşulan ata Watanymyz mekdep okuwçylarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda ylmy pikirlenmäniň ösmegine goşant goşýan bilelikdäki ylmy we bilim taslamalary amala aşyrmaga işjeň gatnaşýar.

Ýurdumyz ÝUNESKO-nyň ýene-de bir möhüm ylym-bilim taslamasy bolan «Assosirlenen mekdepleriniň toruna» goşuldy. Bu taslama 1953-nji ýylda ýola goýlup, onuň maksady başarmagy öwrenmek, ýaşamagy öwrenmek we bilelikde ýaşamagy öwrenmek üçin bilimiň ähmiýetini ýüze çykarmaga gönükdirilendir. Şeýle hem giň gerimli taslama toruna ýurdumyzyň 6 orta mekdebi – Aşgabat şäherindäki 140-njy orta mekdep, Kaka etrabyndaky 19-njy orta mekdep, Balkanabat şäherindäki 21-nji orta mekdep, Daşoguz şäherindäki 26-njy orta mekdep, Türkmenabat şäherindäki 30-njy orta mekdep, şeýle hem Mary şäherindäki 24-nji orta mekdep goşuldy.

Şeýle hem bu guramanyň çäklerinde ýokary bilim edaralarynyň arasynda halkara hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Şonuň netijesinde, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri bilen daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýulýar. Mundan başga-da, ýurdumyzyň käbir ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedrasy döredildi. Bu hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň ylym we bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyna giňden goşulyşmagyna aýratyn şert we mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzda rus, iňlis, arap, ýapon, hytaý, nemes, fransuz, pars dillerini bilýän ýaşlaryň bardygyny bellemek gerek. Munuň özi ýaşlaryň dil öwrenmekde ukyplarynyň ýokarydygyny, dostdoganlyk hakyndaky oňat garaýyşlarynyň bardygyny alamatlandyrýar. Häzirki wagtda dil öwrenmek, dil bilen baglanyşykly işleri ýerine ýetirmek örän köp adamyň ünsüni çekýär.

Sanly bilim portaly elektron poçta, elektron resminama, uzak aralykdan bilim almak, ylmy işler, okatmagyň elektron serişdesi, bäsleşikler, olimpiadalar, maslahatlar, forumlar, okuw kitaplary, okuw gollanmalary, sözlükler ýaly bölümleri özünde jemleýär. Bulardan başga-da, bilim ojaklarynda sanly tehnologiýalaryň, ýokary tizlikli internet ulgamynyň giňden ornaşdyrylmagy netijesinde ýurdumyzyň ýokary hem-de orta hünär okuw mekdepleriniň arasynda, şol sanda bilim babatda hyzmatdaşlyk edilýän daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleri, ylym-bilim merkezleri bilen uzak aralykdan sapaklar, wideoşekilli maslahatlar yzygiderli guralýar.

**Tawus ATAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň uly mugallymy.*

## Türkmenistan – GDA: hyzmatdaşlykda ýetilen sepgitler

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistan GDA döwletleri bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşdäki strategik hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Ýurdumyz guramanyň çäklerindäki sammitlere hem-de iri halkara maslahatlardyr mejlislere, şol bir wagtda bu guramanyň iri halkara çärelerine gatnaşýar.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 24-nji maýynda Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza döwletleriň hökümet Baştutanlarynyň geňeşiniň mejlisi geçirildi. Bu iri ýokary derejedäki sammite gatnaşmak üçin ýurdumyza Azerbaýjan Respublikasyndan, Belarus Respublikasyndan, Ermenistan Respublikasyndan, Gazagystan Respublikasyndan, Gyrgyz Respublikasyndan, Täjigistan Respublikasyndan, Özbegistan Respublikasyndan wekilçilikli toparlar ýurdumyza geldiler.

Mejlisiň dowamynda energetika we ulag ulgamyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygyň geljekki ugurlary boýunça pikir alşyldy.

Mejlisiň jemleri boýunça birnäçe resminama, şol sanda Aşgabat şäherini «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýip yglan etmek hakyndaky Çözgüde gol çekildi.

Türkmenistan GDA-nyň döredilmeginde uly orun eýelän ýurtlaryň biridir. Beýleki döwletler bilen birlikde, 1991-nji ýylyň 21-nji dekabrynda GDA-nyň agzalarynyň içeri hem-de daşary syýasatlarynyň dürli ulgamlarynda deňhukukly hyzmatdaşlyga ygrarlydyklaryny tassyklan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döredilmegi baradaky Ylalaşygyň Teswirnamasyna Türkmenistan tarapyndan hem gol çekildi. 2005-nji ýylyň 26-njy awgustynda Kazanda geçirilen sammitde GDA döwletleriniň Baştutanlary hakyky dostluk hem-de hyzmatdaşlyk ruhunda Türkmenistanyň Arkalaşyga gatnaşygynyň assosirlenen agza hökmünde dowam etdirjekdigi baradaky beýannamany kabul etdiler.

Şol döwürden bäri Türkmenistan soňky ýyllaryň dowamynda GDA boýunça hyzmatdaşlary bilen bilelikde köp sanly iri maksatly taslamalary durmuşa geçirdi. Energetika, ulag, aragatnaşyk we kommunikasiýa ýaly köp sanly ugurlarda hyzmatdaşlyk taslamalary durmuşa ornaşdyrylýar. Türkmenistan bilen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň arasyndaky daşary söwda dolanyşygynyň 2023-nji ýylyň ýanwar-oktýabr aýlarynda 2 milliard 600 million, Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynyň 16,5 göterim bolandygyny aýratyn bellemek bolar. Ýurdumyz Hazar-Gara deňziniň ugry we Aziýa-Ýuwaş umman sebiti, Aýlag we Ýakyn Gündogar ýurtlary bilen logistika mümkinçilikleriniň we ulag aragatnaşygynyň ýokarlanmagyna uly üns berýär we GDA döwletlerini hem ulag hyzmatdaşlygyna işjeň çekmek ugrunda giň tagallalar edýär.

Bu gurama başlyklyk hem eden ýurdumyzyň başlangyjy boýunça işlenip taýýarlanylan Arkalaşyga gatnaşyjy döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakynda Jarnama durmuş-ykdysady hyzmatdaşlygyň özenini düzdi.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň giňişliginde işjeň hyzmatdaşlyk alyp barmagy ýurdumyzyň belent halkara abraýynyň dünýäde ykrar edilýändiginiň hem-de onuň daşary-syýasy strategiýasynyň giň goldawa eýe bolýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr.

**Döwletmyrat NYÝAZBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ýurdumyzyň medeni diplomatiýasy dabaralanýar

Köp ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda umumadamzat gymmatlyklaryna ägirt uly goşant goşan halkymyzyň medeni we ruhy mirasyny saklamak, baýlaşdyrmak, ony dünýäde giňden wagyz etmek boýunça ägirt uly işler alnyp barylýar. Bu ýörelge Watanymyzyň döwlet syýasatynyň we daşary syýasy strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Şunda döwletara derejede bolşy ýaly, abraýly halkara düzümleriň, şol sanda BMG-niň çäklerinde daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär.

Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýe bolýandygyny bellemeli. Geçen ýyllaryň dowamynda dünýä möçberli taryhy we medeni ähmiýeti bolan desgalary öz içine alýan ýurdumyzyň



çäginde bar bolan ajaýyp ýadygärlikler, türkmen halkynyň sungatynyň dürli görnüşleri we edebi mirasy ÝUNESKO-nyň sanawlaryna girizildi.

2011-nji ýylda Türkmenistan ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy goramak hakynda Konwensiýasyna goşuldy. Şol döwürden bäri ýurdumyz onuň düzgünlerini ýerine ýetirmek boýunça halkara tagallalara işjeň gatnaşýar.

Golaýda paýtagtymyzda Türki medeniýetiň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza döwletleriň ÝUNESKO-nyň işleri barada milli toparlarynyň 10-njy mejlisi geçirildi. Çäräniň esasy maksady türki döwletleriň taryhy, medeni, tebigy we golýazma ýadygärliklerini gorap saklamakda ÝUNESKO bilen TÜRKSOÝ-yň bilelikdäki hyzmatdaşlygynyň täze mümkinçiliklerini kesgitlemekden hem-de milli mirasyň gymmatlyklarynyň halkara sanawlara işjeň girizilmegini üpjün etmek üçin tagallalary birleşdirmekden ybaratdyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan başy başlanan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýän daşary syýasat strategiýamyzyň esasy ugurlarynyň hatarynda BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýär. 1993-nji ýyldan bäri doly hukukly agzasy bolup durýan ýurdumyz BMG-niň bu iri ýöriteleşdirilen edarasy bilen hyzmatdaşlyk meselelerinde işjeň orny eýeleýär. Netijeli durmuşa geçirilen we häzirki wagtda amala aşyrylýan bilelikdäki taslamalar, ýurdumyzyň Milletler Bileleşiginiň goldawyna eýe bolýan halkara başlangyçlary munuň şeýledigine aýdyň şaýatlyk edýär.

ÝUNESKO-nyň çäklerinde türki dilli ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. 2022-nji ýylyň iýulynda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynda hormatly Prezidentimiziň öňe süren başlangyçlary esasynda «Biziň mirasymyz» atly sebitleýin taslamany işläp taýýarlamak babatdaky başlangyjy türki dünýäsinde medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň gerimini has-da giňeltdi.

Türkmenistan döwletimiz ÝUNESKO-nyň halkara kadalaryna laýyklykda, Özbegistan bilen bilelikde Köýtendagyň daglyk ekoulgamyny Bütindünýä mirasynyň sanawyna, Türkmenistanyň Özbegistan we Gazagystan Respublikalary bilen bilelikde bu guramanyň «Adam we biosfera» maksatnamasynyň çäklerinde «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamasyny Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek, halkymyzyň milli mirasy bolan türkmen alabaýlaryny ösdürip ýetişdirmek sungatyny ÝUNESKO-nyň abraýly sanawyna girizmek üçin hödürnamalary taýýarlamak boýunça alyp barýan işleri halkara ulgamynda medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygyň hasda pugtalanmagyna saldamly goşant bolup durýar.

**Ysmaýyl ORAZNUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Halkara gatnaşyklaryň möhüm ugry

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň ulag-kommunikasiýa ulgamy iň öňdebaryjy ykdysady pikir-garaýyşlara esaslanýan döwlet syýasatynyň möhüm ugry hökmünde okgunly özgerýär.

Döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde barha rowaçlanýan ulag-kommunikasiýa ulgamy möhüm we geljegi uly bolan ugur bolmak bilen, dünýäniň ähli döwletleri bilen özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň we ýurdumyzyň okgunly ösüşleriniň ygtybarly binýadyna öwrülýär. Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşýän ýurdumyz bu gadymy ýoluň dünýädäki taryhy ähmiýetini gaýtadan dikeltmäge uly ähmiýet berip, ulag-kommunikasiýa ulgamynda sebitiň döwletleri, halkara guramalar bilen möhüm taslamalary durmuşa geçirýär.

Ýurdumyz tarapyndan sebit we halkara derejeli iri forumlarda ulag ulgamynyň hyzmatlaryny hemmeler üçin amatly, bäsdeşlige ukyply innowasion tehnologiýalar esasynda amala aşyrmak babatda wajyp başlangyçlar yzygiderli öňe sürülýär. Muňa Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň 1-nji martynda üçünji Antalýa diplomatiýa forumyndaky çykyşy hem aýdyň mysal bolup biler. Milli Liderimiz öz çykyşynda «Inklýuziw ulag ulgamynyň kemala getirilmeginiň halkara söwdanyň, maýa goýum işjeňliginiň artmagyna täsir etjekdigi düşnüklidir» diýip belledi.

Ýurdumyzda içerki we üstaşyr ulag gatnawlarynyň yzygiderli artmagy onuň demir ýol, deňiz-derýa, howa we awtoulag görnüşleriniň ählisi üçin mahsus häsiýete eýe boldy. Her bir ulag görnüşiniň özboluşly aýratynlygyny nazara alyp, olaryň netijeli arabaglanyşygyny gazanmak, hereketiniň bütin dowamynda howpsuzlygy üpjün etmek babatda maksatnamalaýyn çäreler geçirilýär.

Bu ugurda ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy bilen işjeň häsiýete eýe bolan hyzmatdaşlygy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Geçen ýylyň 16-njy maýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 70-nji plenar mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda, Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda 26-njy noýabry «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň kabul edilmegi munuň aýdyň mysallarynyň biridir.

Howa ulaglary pudagy halkara gatnaşyklarynyň esasy köprüsi bolup hyzmat edýär. Ýurdumyzda ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk işjeňleşdirilip, ulaglaryň beýleki görnüşleri bilen bir hatarda, milli awiasiýamyz hem täze derejä çykarylýar. Howa ulaglary arkaly ýükleri daşamagyň hem-de ýolagçylary gatnatmagyň hilini ýokarlandyrmak we ygtybarlylygyny üpjün etmek ýurdumyzyň ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmagyň möhüm şertidir.

Howa ulagy pudagyndaky gatnaşyklar 50-den gowrak halkara ylalaşyklaryň we konwensiýalaryň esasynda amala aşyrylýar. Türkmenistan BMG-niň halkara hyzmatdaşlygyny utgaşdyryjy ýöriteleşdirilen edarasy bolup durýan Halkara raýat awiasiýa guramasynyň (IKAO), Awiasiýa we howa giňişligini ulanmak boýunça geňeşiň hem-de Döwletara awiasiýa komitetiniň agzasydyr, şeýle hem Ýewropanyň Awiasiýa howpsuzlygy agentligi bilen hyzmatdaşlyk edýär.

Uçuşlaryň howpsuzlygyny we Türkmenistanyň howa giňişliginiň üstaşyr geçelgeleriň tygşytly ulanmasyny üpjün etmek üçin demirgazyk-günorta we



gündogar-günbatar ugurlary boýunça täze howa ýollary girizilýär, bu bolsa howa gatnawlarynyň depginliligini artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Daşary ýurt awiakompaniýalarynyň üstaşyr uçuşlar we uçarlaryň ýangyjynyň üstüni dolmak üçin ýurdumyzyň howa giňişligini peýdalanmaga bolan gyzyklanmalary görnetin artdy. Howa gatnawlarynyň işjeňligi hem yzygiderli ösýär. Şunuň bilen baglylykda, daşary ýurt kompaniýalary Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky has gysga, iň täze dolandyryş, nawigasiýa tehnikalary bilen enjamlaşdyrylan ugurlar boýunça hereket etmegi ileri tutýarlar.

Howpsuz aeronawigasion hyzmat etmesi üçin Türkmenistanyň howa menzilleri «Thales» öňdebaryjy fransuz kompaniýasynyň howa hereketini dolandyrmagyň radiolokasion we nawigasion innowasion serişdeleri bilen enjamlaşdyrylan. Häzirki günde ýurduň howa giňişliginde Howa hereketini dolandyryş gullugy tarapyndan dünýäniň 200-den gowrak awiakompaniýasynyň howa gämilerine hyzmat edilýär.

«Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

2012–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» tapgyrlaýyn amala aşyrmagyň çäklerinde ýerine ýetirilen işleriň netijesinde ýurdumyzyň ähli howa menzilleri halkara ülňülerine laýyk derejä getirildi. Häzirki wagtda diňe bir paýtagtymyzyň Halkara howa menzili däl-de, sebitleriň howa menzilleri hem islendik kysymly we ýük göterijiligi bolan uçarlary kabul etmäge ukyplydyr. Howa menzilleri howa gämileriniň hereketini adaty däl howa şertlerinde-de howpsuz dolandyrmak, uçuşlaryň ykdysady taýdan tygşytlylygyny üpjün etmek üçin kämil tehniki serişdeler bilen enjamlaşdyryldy.

Howa ulagy arkaly halkara gatnawlary mundan beýläk-de giňeltmek maksady bilen, «Türkmenistan» awiakompaniýasynyň awiaparkynyň üsti dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň, hususan-da, «Boeing» we «Airbus» ýaly kompaniýalarynyň döwrebap ýolagçy we ýük uçarlary bilen ýetirilýär. Türkmenistanda bar bolan awiaparkyň netijeli giňeldilmegi strategik häsiýete eýe bolup, ykdysady we üstaşyr bähbitleri gazanmagy maksat edinýär. Milli awiakompaniýamyz Aziýanyň iň howpsuz awiakompaniýalarynyň hataryna girýär, onuň sebit gatnawlarynda öňdebaryjy bolmagy üçin ähli şertler bar. Häzirki wagtda birnäçe ýurtlar bilen ýolagçy we ýük howa gatnawlary ýola goýuldy, şeýle hem olaryň çägini giňeltmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Munuň özi ykdysady gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna ýardam eder.

«Döwlet adam üçindir!» diýen asylly ýörelgäni öňe süren Gahryman Arkadagymyzyň, Diýarymyzy ösüşleriň röwşen ýoly bilen öňe alyp barýan «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, tutumly işleri rowaç bolsun!

**Hajymämmet NYÝAZGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Aşgabat Halkara howa menziliniň Howa hereketini guramagyň bir bitewi ulgamynyň Baş merkeziniň raýat sektorynyň uly dispetçeri.*

## Sahawatlylyk döwletlilikden nyşan

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Beren eliň berekedi artar» diýen halk pähimi döreden ata-babalarymyz sahawatlylyga, ynsanperwerlige uly ähmiýet beripdirler. Döwletli tutumlaryň rowaçlanýan döwründe bu asylly ýörelge türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen üstünlikli dowam etdirilýär. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilip, häzirki wagtda onuň işiniň diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, halkara giňişlikde hem uly ähmiýete eýe bolýandygy her birimizi guwandyrýar, buýsandyrýar. Haýyr-sahawat ähli ýurtda hem sarpaly ýörelge. Birek-biregi goldamak ýaşaýşyň, durmuşyň düýp mazmunyna ornaşandyr.

Hormatly Prezidentimiziň «Ynsanperwerlik, mätäji goldamak ýaly milli ýörelgelerimize eýermek bilen, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamyň howandarlygyndan galan çagalaryň we ýetginjekleriň aýratyn alada bilen gurşalyp alynmagy, olaryň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi ugrunda alnyp barylýan işler ýaş nesliň abadan, bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, kämil şahsyýetler hökmünde kemala gelmegine gönükdirilendir» diýip belleýşi ýaly, bu gaznanyň işi halkymyzyň ynsanperwer ýörelgesine daýanýar. Ýeri gelende bellesek, geçen döwürde gaznanyň goldaw bermeginde Türkiýe Respublikasynyň, Owganystanyň ýertitreme, Russiýa Federasiýasynyň Primorskiý sebitiniň suw almagy zerarly ejir çeken çagalaryna, Ukrainanyň we Palestinanyň çagalaryna ynsanperwerlik kömegi berildi. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň şu ýylyň 4-5-nji aprelinde Täjigistan Respublikasyna amala aşyran resmi saparynyň dowamynda Duşenbe şäheriniň «Istiklol» lukmançylyk toplumynda bu gaznanyň adyndan sowgatlary gowşurmak dabarasy geçirildi. Döwlet Baştutanymyzyň gol çeken Buýrugyna laýyklykda, türkmen halkynyň gadymdan gelýän hoşniýetli gatnaşyklaryndan we ynsanperwer däplerinden ugur alyp geçirilýän dabara gatnaşyjylaryň kalbyndaky hoşallygyny diňläp, ajaýyp döwrümiziň sahawatlylyga ýugrulan taglymatyna buýsanjyň artýar.



Ata-babalarymyz hem ynsanperwerlige, sahawatlylyga aýratyn ähmiýet beripdirler. Doglan gününiň 300 ýyllygy halkara derejede toýlanýan akyldar şahyrymyz Magtymguly atamyzyň döredijiliginde «Entäni goldana hemaýat ýagşy» diýen setirleri hem ynsanperwer ýörelgeleriň dabaralanmasy bolup kalplara joşgun eçilýär. Ömrüň manysy haýyr-sahawatly hem-de ynsanperwer işleriň amala aşyrylmagyndan ybarat. Watan, il-halk baradaky mukaddes düşünjeleriň bir bitewüligini emele getirýän haýyrly işler adam ömrüniň gymmatyny, agramyny artdyrýar. Ömre deň ahwal görülýän bu sahawatly işler halkymyzyň esasy durmuş ýörelgeleriniň biridir. Gahryman Arkadagymyzyň döwletlilik ýolunyň dabaralanmasyna, ynsanperwerlik däplerimiziň dowamatyna öwrülen bu beýik

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

işler döwrüň beýik gudratyny kemala getirýär.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ştab-kwartirasynyň Arkadag şäherinde ýerleşdirilmeginde hem uly many bardyr. Bilşimiz ýaly, bu ýerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi hereket edýär. Bu ýerde operasiýadan soňky döwürde çagalaryň saglygyny dikeltmek boýunça ylmy taýdan esaslandyrylan işler ökde hünärmenler tarapyndan ýerine ýetirilýär. Berk bedenli ýaş nesliň kemala gelmeginde lukmançylyk häsiýetli sagaldyş-dikeldiş işleriniň geçirilmegi çagalaryň bagtyýar hem-de röwşen geljegini üpjün etmäge ýardam berýär. Milli Liderimiziň Arkadag şäherine amala aşyrýan iş saparlarynyň dowamynda merkezde bejergi alýan çagalaryň saglyk ýagdaýy bilen yzygiderli gyzyklanyp, olaryň ata-eneleri bilen söhbetdeş bolmagy, olaryň ýagty geljegine bolan ynamy pugtalandyrýar. Dünýäniň ýaraşygy sahawatda, adamlaryň ýaraşygy birek-birege hemaýat goldawda jemlenendir.

Goý, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, döwletli tutumlary üstünliklere beslensin!

**Tawus ESENMÄMMEDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Aşgabat şäherindäki agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde



**Nebit önümçiligini artdyrar.** Eýran gündelik çig nebit önümçiligini 400 müň barrel artdyryp, 4 million barrele çykarar. Ýurduň Prezidentiniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirýän Muhammed Mohberiň ýolbaşçylygynda Ykdysady geňeşiň ýygnagy geçirildi. Ýygnakda Eýranyň milli nebit kompaniýasynyň nebit önümçiligini artdyrmak baradaky maksatnamasy tassyklandy.



**Ýyly suw festiwaly.** Ýaponiýanyň Ýugawara şäherinde ýyly suw festiwaly geçirildi. 41 ýyldan bäri geçirilýän «Ýukake Matsuri» atly bu baýramçylyk çäresine gatnaşýanlar ýeriň astyndan çykýan gyzgyn suwy biri-birlerine sepýärler. Sebitiň syýahatçylyk pudagyny ösdürmek maksady bilen geçirilýän şu ýylky çärede 60 tonna suw ulanylypdyr.



**Çip önümçiligine goldaw berer.** Hytaý ýerli ýarymgeçiriji önümçiligini artdyrmak üçin 47,5 milliard amerikan dollary bölüp berdi. Ýarymgeçiriji senagatynda gözleg we ösüşi höweslendirmek üçin döwlete degişli banklar we beýleki edara-kärhanalar tarapyndan 344 milliard ýuanlyk gazna döredildi.



**Kriptopul ulanar.** Argentina kriptopul ulanylyşyny ýola goýmak üçin bu ugurda tejribesi bolan El-Salwador bilen hyzmatdaşlyk etmegi maksat edinýär. Ýurduň milli gozgalýan gymmatlyklar geňeşi El-Salwadoryň Milli sanly gymmatlyklar geňeşi bilen kriptopul birlikleriniň hukuk derejesiniň kesgitlenmegine we düzgünleşdirilmegine bagyşlanan ýygnak geçirdi. El-Salwador 2021-nji ýylyň sentýabrynda kripto puly töleg serişdesi hökmünde kabul edipdi.



**Gymmaty 100 milliard ýewrodan geçdi.** Maglumatlara görä, geçen ýyl täze peýda bolan startaplaryň gymmaty 100 milliard ýewrodan geçipdir. «Dealroom» atly maglumatda ispan tehnologiýasynyň gymmatynyň hem Ýewropada iň çalt ösýän tehnologiýadygy mälim edilýär. Ýurduň Madrid, Barselona, Walensiýa, Malaga we Bilbao şäherlerinde startap ekoulgamy çalt depginlerde ösýär.



**Senagat kompaniýalarynyň girdejisi artýar.** Hytaýda senagat kärhanalarynyň peýdasy şu ýylyň dört aýynda geçen ýylyň degişli döwründäkiden 4,3 göterim ýokary bolupdyr. Ýurduň milli statistika edarasynyň maglumatlaryna görä, ýyllyk pul dolanyşygy 20 million ýuandan (2,76 million amerikan dollar) ýokary bolan senagat kärhanalarynyň umumy peýdasy ýanwar-aprel aýlarynda 2,09 trillion ýuana ýetipdir.



**Niderlandlardaky ikinji merkezini açdy.** Hytaýyň NIO elektroulag öndüriji kompaniýasy Ýewropadaky ornuny berkidýär. Kompaniýa Niderlandlardaky ikinji merkezini Amsterdamda açdy. Kompaniýanyň esaslandyryjysy Li Bin Hytaý bilen Ýewropanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň bäsdeşlikden ähmiýetlidigini aýdýar. Biniň pikiriçe bu ugurdaky hyzmatdaşlyk durnukly ösüşe ýardam eder.



**Çagalaryň smartfon ulanmagy çäklendiriler.** Angliýada 16 ýaşdan kiçi çagalaryň «akylly» telefon ulanmagynyň gadagan edilmegi maksat edinilýär. Obşinalar palatasynyň Okuw boýunça geňeşiniň agzalary ekranyň öňünde geçirilýän wagtyň okuwa täsiri barada maglumat taýýarlady. Maglumatda jemgyýetçilik torunda akkaunt açmak üçin azyndan 16 ýaşly bolmalydygy bellenildi.

## TARYHDA ŞU GÜN

1859-njy ýylyň 31-nji maýynda häzirki wagtda Londonyň simwoly hasaplanýan «Big Ben» (Uly jaň) diňindäki sagat işläp başlaýar. Beýik Britaniýanyň hem simwoly hasaplanýan desganyň gurluşygyna 1858-nji ýylda başlanýar. Diňiň esasy jaňy, ýagny «Big Ben»-iň agramy 13,7 tonna ýetýär. Her sagatda oňa çekiç bilen urulýar. Onuň sesi 15 kilometr uzaklykdan eşidilýär. Diňiň dört tarapynda hem sagat bolup, ol ähli tarapdan seredilende, uzak aralykdan wagty bilmäge mümkinçilik berýär.



# 24 ÝYLDAN SOŇ GERMANIÝA BARDY

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron Germaniýada saparda boldy. Bu sapar Fransiýadan Germaniýa 24 ýyldan soňra amala aşyrylan ilkinji döwlet saparydyr. 26-njy maýda başlan sapar üç gün dowam etdi. Prezident Makron Belwýu köşgünde Germaniýanyň Prezidenti Frank-Walter Ştaýnmaýer tarapyndan kabul edildi. Duşuşykdan soňra Ştaýnmaýer iki ýurduň hyzmatdaşlyk etmegi bilen Ýewropanyň ýüzbe-ýüz bolýan geosyýasy kynçylyklary ýeňip geçip biljekdigini aýtdy. Makronyň sapary Germaniýada Konstitusiýanyň gününe hem gabat geldi. Ol maşgalasy bilen bilelikde bu gün mynasybetli geçirilýän dabara-da gatnaşdy.



Saparynyň dowamynda Emmanuel Makron hem-de maşgalasy Brijit Makron Berliniň ýerli häkimiýetiniň başlygy Kaý Wagner bilen şäheriň simwoliki desgalarynyň biri bolan Brandenburg derwezesinden ýöräp geçdi. Iki ýurduň Prezidentleri saparyň ikinji gününde Drezden şäherinde, üçünji güni günbatardaky Mýunster şäherinde boldular.

Döwlet sapary Germaniýanyň kansleri Olaf Şolsuň we iki ýurduň ministrleriniň Berliniň golaýyndaky hökümet myhmanhanasyndaky duşuşygy bilen tamamlandy.

Ýewropa Bileleşiginiň iň uly ykdysadyýetleri bolan Germaniýa bilen Fransiýa Ýewropanyň integrasiýasynyň hereketlendiriji güýji hökmünde görülýär.

Mundan ozal 2000-nji ýylda Fransiýanyň şol wagtky Prezidenti döwlet sapary bilen Germaniýada bolupdy.

# 100 MILLION SYÝAHATÇY KABUL ETDI

Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy pudaga degişli maglumatlary taýýarlady. Bu maglumata görä, geçen ýyl dünýäde 1,3 milliard adam başga bir ýurda syýahat edipdir. Fransiýa bolsa, ilkinji gezek 100 million syýahatçy kabul edip, bu sepgide ýeten ilkinji ýurt bolupdyr. Fransiýa köp ýyldan bäri syýahatçylyk babatda dünýäde öňdeligini dowam etdirýär. Bu ýyl Parižde geçiriljek tomusky Olimpiýa oýunlary hem ýurduň syýahatçylarynyň sanyny has-da artdyrar. Şeýle hem bu çäre ýurduň tanyşdyrylmagynda hem uly ähmiýete eýe bolar. 2023-nji ýylda Ýewropanyň güneşli ülkesi bolan Ispaniýa 85 million syýahatçy barypdyr. Amerika baranlaryň sany bolsa 66 million 480 müň bolup, bu ugurda üçünji bolupdyr. Ispaniýanyň goňşusy Italiýa baran daşary ýurtlularyň sany 57 milliona ýetipdir. Arzan bahaly bolmagy bilen tanalýan Türkiýe 55 million syýahatçy bilen bäşinji ýeri eýeläpdir.



Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy 2010-njy ýyldan bäri ýurtlaryň syýahatçylarynyň hasabyny ýöredýär. Şol ýyldan bäri Fransiýa bu sanawda birinjiligi saklap gelýär. Ýurduň esasy myhmanlary goňşy Ýewropa ýurtlaryndan gelýär. Ýurduň güýmenje merkezleri, Eýfel diňi, muzeýleri, deňiz kenarlary, taryhy ýerleri we aşhanasy syýahatçylary özüne çekýär. Pandemiýadan ozal ýurda ýylda 70-80 million töweregi syýahatçy barýan bolsa, indi ilkinji gezek 100 million syýahatçy barypdyr.

Ikinji orundaky Ispaniýa hem öz rekordyny täzeläpdir. 85 milliondan gowrak syýahatçyny kabul eden ýurt bu pudakdan 85 milliard ýewrodan gowrak girdeji gazanypdyr. Şeýlelikde, her syýahatçydan ortaça, müň ýewro girdeji gazanylypdyr. Üçünji orundaky ABŞ bu pudakdan 176 milliard amerikan dollary girdeji gazanypdyr. Şeýlelikde, syýahatçylar bu ýurtda ortaça, 2 müň 645 dollar çykdajy edipdirler.

Sanawyň ýokarky basgançagyndaky beýleki ýurtlar: Meksika (42,15 million), Birleşen Patyşalyk (37,22 million), Germaniýa (34,80 million), Gresiýa (32,74 million), Awstriýa (30,91 million), Tailand (28,15 million), Saud Arabystany (27,12 million) we Ýaponiýa (25,07 million).

## Söwda dolanyşygy 30 göterim köpeldi

Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin döwlet sapary bilen Özbegistanda boldy. Wladimir Putin paýtagt Daşkentde Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen duşuşyp, gepleşikler geçirdi. Russiýanyň Prezidenti bu ýerde eden çykyşynda Özbegistana strategik hyzmatdaş diýip baha berdi. Onuň sözlerine görä, iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy barha artyp, geçen ýyl 30 göterim köpelipdir. Russiýanyň Özbegistana gönüden-göni maýa goýumlarynyň 10 milliard amerikan dollaryna ýetendigini mälim eden Putin bu ýurtda 3 müň rus kompaniýasynyň iş alyp barýandygyny aýtdy.



Prezident Mirziýoýew bolsa, Wladimir Putiniň taryhy sapary amala aşyrandygyny belläp, rus nebitiniň, nebit önümleriniň we tebigy gazynyň Özbegistana iberilişini artdyrmak boýunça ylalaşyklara gol çekilendigini aýtdy.

## ANGLIÝADA SAÝLAW GEÇIRILER

Angliýanyň Premýer-ministri Rişi Sunak 4-nji iýulda ählumumy saýlawyň geçiriljekdigini mälim etdi. Ýurtda bu saýlaw bäş ýyldan bir gezek geçirilýär. Mundan ozalky ählumumy saýlaw 2019-njy ýylyň dekabrynda geçirilipdi. Geçirilýän pikir soralyşyklar Zähmet partiýasynyň konserwatorlardan öňde barýandygyny görkezýär. Hökümet Başlygy wezipesine Rişi Sunak bilen Kir Starmeriň dalaşgärlik etmegine garaşylýar. Kanuna görä, saýlawyň netijeleri mälim edilenden soňra haýsy partiýadan köp deputat saýlanan bolsa, şol partiýanyň dalaşgäri Premýer-ministr bolýar. Ýurtda saýlawyň güýzde geçirilmegine garaşylýardy.

Iňlis saýlawçylary Zähmet hem-de Konserwator partiýalaryna has köp ses berýärler. Şeýle-de bolsa, parlamentde Reforma partiýasynyň, Liberal demokratlaryň wekilleri hem-de özbaşdak gatnaşýan deputatlar hem bar. Häzirki wagtda ýurduň kanun çykaryjy organy bolan Obşinalar palatasynda Konserwator partiýasynyň mandatlarynyň sany işçi partiýasynyňkydan 80 orun köp. Birleşen Patyşalykda 650 saýlaw okrugy bar. Saýlawçylar öz ýaşaýan sebitine wekilçilik etjek bir dalaşgäri saýlaýarlar. Has köp deputaty bolan partiýanyň ýolbaşçysy Premýer-ministr wezipesine bellenilip, Patyşa tarapyndan hökümeti düzmek tabşyrylýar.



Häzirki wagtda ýurduň hökümetine ýolbaşçylyk edýän 44 ýaşly Rişi Sunak bu wezipä saýlanan ilkinji hindi. Saýlawda onuň bäsdeşi boljak Zähmet partiýasynyň ýolbaşçysy Kir Starmer bolsa, 2020-nji ýyldan bäri bu wezipäni alyp barýar.

30-njy maýda Obşinalar palatasy we deputatlaryň işi ýatyryldy. Şeýlelikde, deputatlar indiki saýlaw üçin kampaniýalara girişdiler. Deputatlaryň ýüzden gowragy indiki saýlawda dalaşgär bolmajakdyklaryny mälim etdiler.

## GAÝTADAN PREZIDENT SAÝLANDY

26-njy maýda Litwada prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyry geçirildi. Resmi maglumatlara görä, ýurduň häzirki Prezidenti Gitanas Nauseda 75 göterim töweregi ses alyp, bu wezipä gaýtadan saýlandy. 12-nji maýda geçirilen saýlawda dalaşgärleriň hiç biri 50 göterimden köp ses alyp bilmändi. Şeýle bolansoň, saýlawyň ikinji tapgyry geçirildi. Nausedanyň bäsdeşi, ýurduň Hökümet Başlygy Ingrida Şimonite 24 göterime golaý ses aldy. Şimonite saýlawdaky ýeňşi bilen bäsdeşi Nausedany gutlady. Nauseda ýene bäş ýyl ýurda ýolbaşçylyk eder. Ol saýlaw kampaniýasynda maşgalalara berilýän goldawyň artdyryljakdygyny aýdypdy. Onuň pikiriçe, maşgalalara berilýän goldaw amatly ýaşaýyş jaý syýasatyna hem-de işçi güýji bazaryndaky düzgünleşdiriji elementlerine esaslanmaly.

Ýurtda 2,4 million töweregi saýlawçy bar. Saýlawyň birinji tapgyrynda Nauseda 44,81 göterim ses alypdy. Saýlawçylaryň 19,50 göterimi bolsa, Ingrida Şimonitä ses beripdi.



Nauseda bilen Şimonite 2019-njy ýyldaky saýlawda hem bäsleşipdiler. Şonda Nauseda 66 göterim bilen Prezident wezipesine saýlanypdy. 2020-nji ýylda Şimonite Hökümet Başlygy wezipesine bellenipdi.

## Zyýanly gazyň howa goýberilişi azaldy

Geçen iki ýylyň dowamynda Fransiýada atmosferany gyzdyrýan ýyladyşhana gazlarynyň azalandygy mälim edildi. 2023-nji ýylda ýurtda howa goýberilen ýyladyşhana gazynyň möçberi 5,8 göterim azalypdyr. Ýurduň Daşky gurşaw ministrligi üçin howa bilen bagly maglumatlary taýýarlaýan CITEPA guramasy şeýle ýagdaýyň dowam etmegi netijesinde ýurduň daşky gurşaw bilen bagly maksatnamasyna ýetip biljekdigini mälim etdi.

Ýurtda geçen ýyl ýyladyşhana gazynyň azalyşy iň köp elektrik energiýasynyň önümçilik pudagynda hasaba alnypdyr. Ýurtda sarp edilýän elektrik energiýasynyň 65 göterimi atom energiýa beketlerinden üpjün edilýär. Ýurtda ýel we Gün beketlerinden alynýan energiýanyň mukdary bolsa, geçen ýyl 14 göterim artypdyr. Bu bolsa, zyýanly gazlaryň howa goýberilişini ep-esli azaltmaga ýardam edipdir. Fransiýa geçen ýyl Germaniýadan soňra Ýewropa ýurtlarynda ýel energiýa önümçiliginde iň köp ösüş gazanan ýurt boldy.



Ýurtda senagat önümçiliginde zyýanly gazlaryň howa goýberilişi 9 göterim azalypdyr. Gurluşyk, ulag we awiasiýa pudaklarynda hem oňyn netijeler alnypdyr. Ýurtda geçen ýyl demir ýol arkaly gidip bolýan gysga aralyklara uçar gatnawy ýatyrylypdy. Bu bolsa, awiasiýa pudagynda howa goýberilýän zyýanly gazlaryň 3,4 göterim azalmagyna getiripdir.

2018-2023-nji ýyllar aralygynda Fransiýanyň umumy emissiýasy 440 million tonna kömürturşy gazyndan 370 million tonna düşüpdir. Bu bolsa, howa goýberilýän zyýanly gazlaryň bäş ýylda 17 göterim azalandygyny aňladýar.

Fransiýa Ýewropa Ýaşyl ylalaşygyna laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli ýyladyşhana gazlarynyň howa goýberilişini 1990-njy ýyldaky derejeden 50 göterim azaltmagy maksat edinýär.

## Finlýandiýada 1 milliard ýewro maýa goýar

«Google» kompaniýasy Finlýandiýadaky maglumat merkeziniň giňeldilmegi üçin 1 milliard ýewro maýa goýum özleşdirjekdigini habar berdi. Pul serişdesi Hamina şäherindäki toplumyň giňeldilmegi netijesinde iş orunlarynyň köpeldilmegi, innowasiýa we beýleki ugurlar üçin gönükdiriler. Bu barada ýaýradylan beýanatda «Google»-yň 2009-njy ýyldan bäri Hamina maglumat merkezi üçin 3,5 milliard ýewro maýa goýum goýandygy bellenildi. Häzirki wagtda bu ýerde 400 adamyň zähmet çekýändigi, ýene-de 100 iş ornunyň dörediljekdigi bellenildi. Şeýle hem maglumat merkezinde emele gelen ýylylygyň jaýlaryň ýyladylmagynda peýdalanylmagy üçin «Haminan Energia» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlyk edilendigi aýdyldy. Bu hyzmatdaşlygyň esasynda maglumat merkezinde emele gelen ýylylyk sebitdäki ýaşaýyş jaýlaryny, mekdepleri we beýleki binalary ýylatmakda ulanylar.



Mälim bolşy ýaly, maglumat merkezlerinde köp mukdarda ýylylyk emele gelýär. Şol sebäpli bu desgalary sowatmak üçin köp mukdarda energiýa gerek bolýar. Tehnologiýa kompaniýalary sarp edilýän energiýany azaltmak maksady bilen maglumat merkezlerini sowuk sebitlerde gurýarlar.

# PLANETALAR HATARA DÜZÜLER

3-nji iýunda täsin astronomik hadysa bolup geçer. Şol günüň gijesi Merkuriý, Mars, Ýupiter, Saturn, Neptun we Uran planetalary Günüň daşyndaky aýlawlarynda bir hatara düzüler. Birden köp planeta asman giňişliginde köplenç bir hatara düzülýär. Emma alty planetanyň bir hatara düzülmegi seýrek duş gelýär. Planetalar asman giňişliginde dos-dogry çyzygyň üstünde durmasalar hem biri-birlerine ýakyn çyzykda ýerleşerler. Merkuriý, Mars, Ýupiter we Saturn planetalaryny howa arassa bolan ýagdaýynda Günüň dogmagyna bir sagat galanda göz bilen görüp bolar. Emma Gün ulgamynyň aýagujunda ýerleşýän Uran we Neptun has solak görünýändigi üçin olary diňe dürbi ýa-da teleskop bilen görüp bolar.

Astronomlar geljek aýlarda hem şeýle hadysalaryň boljakdygyny belleýärler. Şu ýylyň 28-nji awgustynda we geljek ýylyň 18-nji ýanwarynda şapak wagty alty planeta bir çyzygyň üstünde hatara düzüler. 2025-nji ýylyň 28-nji fewralynda Ýerden başga ähli planeta bir hatara düzüler.




# 1,5 ÝAŞYNDA REKORDLAR KITABYNA GIRDI

Entek ýaňy ýöräp başlan ganaly çagajyk Ginnesiň rekordlar kitabyna adyny ýazdyrdy. Ase-Liam Nana Sam Ankrah atly bu çaga dünýäniň iň ýaş suratkeşi adyna eýe boldy. Şeýlelikde, ol 1 ýyl 152 günlük wagty şeýle ada mynasyp boldy. Rekordlar kitabynyň şertlerine görä, bu rekordyň hasaba alynmagy üçin bir sergide suratyň satylan bolmaly. Körpeje suratkeş öz eserlerini hödürlän ilkinji sergisinde 10 suratyny satypdyr. Onuň bu ukyby köpleriň ünsüni çekipdir. Şol sebäpli ýurduň birinji hanymy Rebekka Akufo-Addo hem körpe suratkeşe bir surat sargyt edipdir. Körpe rekordçynyň ejesi Çantelle Kuukua Eghan hem surat çekmek bilen meşgullanýandygyny aýdýar. Ol oglunyň surat çekmäge ukybynyň bardygyny heniz alty aýlyk wagty aňypdyr. Buýsançly ene Ginnesiň rekordlar kitabyndan hat geleninde begenjinden aglandygyny aýdýar. Eghan oglunyň surat çekeninde haýsy reňkiň haýsy reňk bilen sazlaşýandygyny bilýändigini belleýär. Ase-Liam häzire çenli 15 suratyny satypdyr. Golaýda bolsa onuň çeken suratlarynyň auksiona çykarylmagyna garaşylýar.



Eghan oglunyň abstrakt şekillendiriş sungatynyň görnükli wekilleri Jekson Pollok hem-de Demýen Herst ýaly bolmagyny isleýär.

# MÜREPBE nämelerden taýýarlanýar?

**Tomus paslynyň gelmegi bilen ir-iýmişler ýetişip, gyş paslyna taýýarlyk möwsümi başlanýar. Bu möwsümde öý bikeleri ertirlik saçagyny bezeýän süýjülikleriň biri bolan mürepbäniň dürli görnüşini taýýarlaýarlar. Bu süýji tagam diňe miweden däl, eýsem, gök önümlerden, ir-iýmişlerden, olaryň gabyklaryndan, gül ýapraklaryndan we gozalaryndan hem gaýnadylýar. Her bir ýurda ýa-da sebite mahsus bolan mürepbäniň dürli görnüşleri bar. Gazetimiziň şu sanynda sizi dürli zatlardan taýýarlanylýan mürepbeler bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**



**Hoz mürepbesi.** Köp ýurtda hozdan hem mürepbe gaýnadylýar. Bir kilogram gök hoza sekiz bulgur suw, ýedi bulgur şeker, iki sany dalçyn çybygy, dört sany gwozdika agajynyň guradylan gunçasy hem-de ýarym çaý çemçesi limon duzy goşulýar. Gök hozuň reňkiniň eliňe ýapyşýandygy sebäpli ellik geýilse gowy bolar. Ilki bilen hozuň gabygyny ardyp, iki günläp suwa salyp goýmaly. Üçünji günden başlap, ýedi günläp, her gün üç gezek suwuny çalyşmaly. Soňra suwuny süzüp, 20 minut suwda gaýnatmaly. Soňra suwuny her gezekde täzeläp, 15 minutdan iki gezek gaýnatmaly. Iň soňundan arassa suw goşup, 30 minutlap, pes otda gaýnatmaly. Şeker goşup, ýene-de bir sagat pes otda gaýnatmaly. Soňra gwozdika, dalçyn, limon duzuny goşup, ýene-de 10 minut goýmaly. Şeýlelikde, köp zähmet talap edýän mürepbe taýýar bolýar.



**Bägül ýapragynyň mürepbesi.** Täsin tagamy bilen tapawutlanýan bu mürepbäni taýýarlamak üçin 15 sany hoşboý ysly gyzyl bägül, 5 bulgur şeker, 2 bulgur suw we ýarty limonyň suwy gerek. Gül ýapraklaryny alyp, mazaly ýuwmaly-da, bir gije şekere garyp goýmaly. Şeýlelikde, onuň suwy çykýar. Ertesi gün şekerli gül ýapraklaryny pes otda gaýnatmaly. Zerur bolsa islege görä suw goşup hem bolar. Gaýnap başlandan soňra limon suwuny goşup, ýene-de 20 minut gaýnatmaly. Sowandan soňra bägül tagamly goýy mürepbe emele gelýär.



**Nar mürepbesi.** Az mukdarda nar mürepbesini taýýarlamak üçin 3-4 sany uly nar, bir bulgur şeker, ýarty limonyň suwy gerek. Ilki bilen bir naryň dänelerini ýençmän aýyrmaly. Beýleki narlaryň suwuny sykmaly. Çuň gazana nar dänelerini, şekeri we naryň suwuny guýmaly. Orta derejeli otda gaýnap başlandan soň, limon suwuny goşup, ýuwaşjadan garmaly. 45 minut gaýnap, suwuny çekenden soň oduny öçürmeli. Eger suwuny köp görseňiz, ýene biraz gaýnadyp bilersiňiz.



**Sosna gozasyndan mürepbe.** Köp ýurtda tebigy şertlerde ösýän sosnanyň gozalaryndan hem mürepbe gaýnadylýar. Gozalar maý aýynyň ortalarynda ýa-da iýun aýynyň başynda gök wagty ýollardan, zawodlardan uzagrakda ösýän agaçlardan ýygnalýar. Ýumşak ýaşyl sosna gozalary ýuwlup, suwa goşulyp, pes otda 4 sagatlap gaýnadylýar. Sowandan soňra ýene-de gaýnadylýar. Soňra gerekli mukdarda şeker goşup, adaty mürepbäniň taýýarlanyşy ýaly gaýnadylýar.



**Badamjan mürepbesi.** Käşirden, şugundyrdan, kädiden mürepbe taýýarlanýar. Emma badamjandan mürepbe taýýarlanyşyny eşidipmidiňiz?! Badamjan mürepbesini taýýarlamak üçin 5-6 sany kiçiräk badamjan gerek. Badamjanlaryň gabygyny ardyp, dört bölege bölmeli-de, 15 minut duzly suwda goýmaly. Soňra mazaly ýuwup, suwuny süzmeli we gazanda limon suwy ýa-da limon duzuny goşup, ýumşaýança gaýnatmaly. Gaýnan badamjanlary süzüp, gurandan soňra boş gazana salmaly. Üstüne iki bulgur suw, şonçarak şeker goşup, ýumşaýança gaýnatmaly. Mürepbä meňzäp başlandan soňra, bir limonyň suwuny goşup, biraz goýmaly. Badamjan mürepbesini sowandan soňra gaplap hem bilersiňiz.

**Ýokarda agzalanlardan başga-da, beýi, ülje, erik, injir, ýertudana, alma, garaly ýaly miwelerden, gawundan, pyrtykalyň gabygyndan, garpyzyň paçagyndan hem mürepbeler taýýarlanýar.**

# Näme üçin ýaponlar semiz däl?

**Soňky ýyllarda adamlaryň köpüsi artykmaç agramdan ejir çekýärler. Maglumatlara görä, amerikalylaryň takmynan 42 göterimi semiz bolsa, ýaponlaryň diňe 4,5 göterimi artykmaç agramdaky adamlar. Ýaponlar berhiz saklamaýan halk hasaplanýar. Munuň sebäbi ýurtda kanun boýunça her mekdepde iýmit hünärmeniniň bolmagy hem-de kiçilikden çagalara iýmitleniş düzgünleriniň öwredilmegi bilen düşündirilýär. Iýmit hünärmeni mekdepdäki artykmaç agramdaky her bir çaga bilen iş geçirip, sagdyn agram saklamagyna ýardam edýär. Bilermenler ýaponlaryň bedeniniň çeýe hem syratly bolmagynyň syrlaryny öwrenip, şeýle netijä geldiler.**





**Tebigy gurşaw we genetik gurluş.** Ýaponlaryň kadaly agram saklamagynyň birinji syry tebigy gurşaw we ýaponlaryň genetik gurluşy bilen düşündirilýär. Ýaponlar beýleki halklar bilen deňeşdireniňde nahary has haýal iýýärler. Şeýle hem ýaponlar adatça köp et iýmeýärler. Ýapon aşhanasy dünýäniň beýleki aşhanalaryndan ýeňilligi bilen tapawutlanýar. Ýapon aşhanasynda «agyr naharlaryň» deregine ýeňiljek çorbalar, gaýnadylan tüwi, buglanan balyk has köp iýilýär. Ýapon aşpezleri gaýnatmak, buglamak we közde bişirmek ýaly usullary ulanýarlar, emma hiç wagt nahary gowrup bişirmeýärler. Bu usullar naharyň ýokumlylygyny saklap, semremäge sebäp bolmaýar. Ýapon saçagynda panjara balyklary, deňiz ösümlikleriniň dürli görnüşleri, gaýnadylan gök önümler, bir tabak tüwi, soýa, süýjülikleriň ornuny tutýan miweler, matça ýaşyl çaýy ýa-da gök çaý esasy orny eýeleýär.

**Üçburçluk iýmitleniş ýörelgesi.** Ýaponlar üçburçluk iýmitleniş ýörelgesine eýerýärler. Olaryň günortanlygy ýa-da agşamlygy 5 nahardan geçmeýär. Köp halkyň naharlanyş medeniýetinde ilki bilen çorba içilýär, soňra beýleki naharlar iýilýär. Emma ýaponlarda beýle däl. Ýaponlar üçburçluk görnüşinde: ilki bilen çorbanyň bir bölegini içip, soňra gaýnadylan tüwüden az-owlak iýýärler. Ondan soňra suşi ýa-da balykly tagamlardan dadyp, ýene-de çorba içip başlaýarlar. Naharlaryň gezekleşmegi arkaly iýmitlenilýän bu usul sagdyn agram saklamaga kömek edýär. Ýaponlar saçakdaky ähli zatdan az-azdan dadyp görmek, sagdyn bolmaga ýardam edýär diýip düşünýärler. Ýaponlar çagalaryna kiçilikden doýýança iýmegi ret edip, 80 göterim doýýançaň iýmegi öwredýärler. Bedeniň dynç almagy we özüňi ýeňil duýmak üçin az iýmegi maslahat berýärler. Ýaponlarda 1920-nji ýyllardan soň ýeňil iýmitleniş medeniýeti ornaşdyrylýar. Şondan soňra balykdyr gök önümli naharlara has köp üns berlip başlanýar.

**Mekdeplerde iýmitleniş düzgüni.** Ýaponiýada kanun boýunça her mekdepde iýmit hünärmeni bolmaly. Ol çagalara berilýän naharlaryň sanawy we hili bilen tanyş bolup, düzgünlere laýyklykda çagalara gözegçilik etmeli. Şeýle hem çagasy semiz ata-enelere maslahat berýär. Adatça ýapon mekdeplerinde nahar 5 kiçi bölekden durýar: ak balyk, gök önümler, süýt, gaýnadylan ak tüwi we süýjülik pastasy. Mekdebe gatnaýan çagalara öýlerinden nahar getirmek, gaplanan önümleri iýmek gadagan edilýär.

Naharlar mekdep müdiri tassyklandan soň çagalara berilýär. Nahar iýlip başlanmazdan ozal mekdep okuwçylarynyň biri orta çykyp, şu günki nahar bilen tanyşdyrýar. Mekdepde nahar wagty 12:00 bolup, günortanlyk naharyndan soň düzgün boýunça bir bulgur süýt içmeli. Ýaponlarda iýmit isrip edilmeýär. Şol sebäpli her bir çaga naharyny dolulygyna iýip gutarmaly.

**Ýaponlaryň uzak ýaşamagynyň syry.** Her gün irden Ýaponiýanyň seýilgählerinde garry adamlar topar bolup bilelikde maşk edýärler. Bu bolsa uzak ýaşamaga itergi berýär. Ýaponlar beýleki halklardan has uzak ýaşaýandygy bilen tapawutlanýar. Orta hasap bilen Ýaponiýada erkekler 81, zenanlar 88 ýyl ýaşaýar.

**Ogimi – dünýäniň iň garry ilatly obasy.** Ýurduň günorta bölegindäki arhipelag bolan Okinawa uly meşhurlyga eýedir. Bu ýerde dünýäniň iň garry adamlarynyň ýaşaýan obasy ýerleşýär. Ogimide 215 hojalyk bolup, tokaý bilen gurşalan dag etegindäki obada 90 ýaşdan ýokary 173 adam bar. Garrylar obasynyň ilaty işjeň ýagdaýda bolup, wagtly-wagtynda dynç almaga, iýmitleniş düzgünlerini berk saklamaga üns berýärler.

# Dünýäniň iň uly ýaşly adamy

Göräýmäge iň uzak ýaşaýanlaryň ülkesiniň Ýaponiýadygy sebäpli, dünýäniň iň ýaşuly adamy hem ýaponlardan bolaýjak ýaly. Emma dünýäniň iň garry adamy Ýaponiýadan däl.

Dünýäniň iň ýaşy uly adamy 117 ýaş 89 gün bilen Amerikada doglan we Ispaniýada ýaşaýan lukman zenan Mariýa Branýas hasaplanýar. 1907-nji ýylyň 4-nji martynda Kaliforniýanyň San-Fransisko şäherinde doglan Branýas Kataloniýadan Amerika göçüp gelen ispan maşgalasynyň gyzydyr. 1931-nji ýylda Branýas üç çagaly trawmatolog Joan




Moret bilen durmuş gurýar. Ýaş zenan 1976-njy ýyla çenli adamsynyň işleýän hassahanasynda şepagat uýasy bolup işleýär.

1990-njy ýyllarda Branýas Müsüre, Italiýa, Niderlandlara we Angliýa syýahat edýär. 2000-nji ýylda 93 ýaşynda Kataloniýanyň Olot şäherindäki garrylar öýüne barýar. Branýas dowamly hereketde bolup, maşklary yzygiderli ýerine ýetirip, 108 ýaşyna çenli fortepiano çalýar. Eşidiş ukybynyň peselmegi bilen aýdym-sazdan daşlaşyp, kitap okamak bilen meşgullanýar.

Branýas 2023-nji ýylda fransiýaly zenan Lusile Randon (118 ýaş 340 gün) aradan çykandan soňra, dünýäniň iň garry adamy diýen derejä eýe bolýar.

## ÇAGALAR

**Wombat 14 günden bir gezek iýmitlenýän, iýmit alyş-çalşygy iň haýal süýdemdiriji hasaplanýar.**

# AWSTRALIÝANYŇ TÄSIN JANDARLARY

**Ýer şarynyň her bir yklymy özboluşly tebigaty, ýaşaýyş zolaklary, ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen tapawutlanýar. Ösümlikdir jandaryň käbiri dünýäniň ähli ýerinde duş gelýän bolsa, käbiri diňe bir sebitde ýaşaýar. Mähriban çagalar, gazetimiziň şu sanynda sizi Awstraliýanyň başga ýerlerde duş gelmeýän täsin jandarlary bilen tanyşdyrmagy makul bildik!**



**Wombat.** Daşyndan göräýmäge aýy ýa-da ullakan gemrijä meňzeýän bu jandar Awstraliýada ýaşaýan endemik süýdemdiriji bolup, hordalylar tipine girýär. Bedeniniň uzynlygy 70-130 santimetre, agramy 20-45 kilograma ýetýän bu gemriji äpet göwresi bilen tapawutlanýar. Koala hem meňzeýän bu jandar sagatda 40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýär. Wombatyň ýiti dyrnaklary ýeri aňsatlyk bilen gazmagyna ýardam edýär. Daş-töweregini çala görýändigine garamazdan, bu jandar ösen eşidiş ukybyna we ys alşa eýedir. «Tunnel gazyjylar» adyny alan bu jandarlar howp abananda çaltlyk bilen agaja çykyp, suwa çümüp ýa-da ylgap bilýärler. Wombatyň esasy iýmiti otlaryň ter ýapragy bolup, käwagt ösümlikleriň köki, kömelekdir miwe bilen hem iýmitlenýärler. Bu jandaryň geň tarapy iýmiti haýal siňdirýändigi bolup, 14 günden bir gezek iýmitlenýärler. Wombatlar irki süýdemdirijileriň biri bolup, Awstraliýanyň gündogar we günorta sebitlerinde, Wiktoriýa, Täze Günorta Uels, Kwinslend we Tasmaniýa ştatlarynda dürli tebigy şertlerde ýaşaýarlar. Awstraliýanyň käbir fermalarynda bu «utanjaň jandarlar» öý haýwanlary hökmünde hem saklanýar.

**Kazuar.** Awstraliýada ýaşaýan täsin guşlaryň biri hem kazuar bolup, daşky görnüşi, hereketi, ýaşaýyş şerti bilen adamlaryň ünsüni özüne çekýär. Kazuarlaryň ýaşaýan ýeri, esasan, tokaýlyklar bolup, tomsuň ahyryna, güýzüň başlaryna jüýjelemek üçin höwürtge ýasanýarlar. Ýaşyl reňkli ýumurtgasynyň agramy 500-700 gram töweregi



bolup, 3-6 ýumurtga toplanyndan soňra, 2 aýlap kürk ýatýarlar. Jüýjelerine bir ýarym ýylyň dowamynda seredip, tokaý ýaşaýşyny, aw awlamagy, iýmit tapmagy öwredýärler. Bu guşlaryň ganaty örän kiçi bolup, hatda tüýüniň içinde görnenogam. Kazuarlar uçmaga ukyply däldir. Emma sagatda 50 kilometr tizlikde ylgap bilýärler. Suwly miweler bu guşlaryň iň halaýan iýmiti hasaplanyp, kömelekdir ownuk mör-möjekler bilen hem iýmitlenýärler. Äpet guşlaryň 3 görnüşi bolup, olaryň birinjisi tuwulgaly kazuar, ikinjisi narynç kazuar, üçünjisi gyzgylt-goňur kazuar diýlip atlandyrylýar. Kazuarlar Ginnesiň rekordlar kitabyna dünýäniň iň howply guşy hökmünde bellige alnandyr, şeýle hem sanynyň azalyp barýandygy sebäpli Halkara Gyzyl kitabyna girizilendir. Olaryň häzirki wagtda 2 müň 500 töweregi jübütiniň bardygy çaklanylýar. Kazuarlar 3 ýaşyndan soň köpelip başlap, 20-40 ýyl töweregi ýaşaýarlar.



**Eçidna.** Kirpidir anteatere meňzeş bu süýdemdiriji Awstraliýanyň daglyk ýerlerinden başga-da, çölde we tokaýlarda duş gelýär. Kiçijik gözli, uzyn burunly bu jandarlaryň bedeni tikenli bolup, dürli howplardan goranmaga kömek edýär. Eçidnanyň gysga aýagy ýeri aňsatlyk bilen gazmagyna ýardam edýär. Haýal hereketli bu jandarlar agaja dyrmaşyp we ýüzüp bilýärler. Eçidnalar agaçlaryň kowegindäki mör-möjekler bilen iýmitlenýärler. Anteaterden tapawutlylykda eçidnanyň dişi ýok. Bu jandarlar iýmitini dili bilen ýelmeşdirip iýýärler. Eçidna Ýer ýüzündäki iň gadymy süýdemdirijileriň biri hasaplanýar. Häzirki wagtda bu jandarlaryň sany 10 müň töweregi bolup, sany azalýan süýdemdiriji hasaplanýar.



**Dingo.** Awstraliýada ýaşaýan itiň bu ýabany görnüşi tizligi, çeýeligi we çydamlylygy bilen tapawutlanýar. Dingo, esasan, gyzgylt reňkde bolup, çalymtyl we sary sütükli görnüşleri hem duş gelýär. Dingo itleri ilkinji gezek 1623-nji ýylda hasaba alynýar. Möjege meňzeş bu itler towşandyr ýabany süýdemdirijiler, şeýle hem uly süýrenijiler bilen iýmitlenýärler. Käte «aýdym aýdýan itler» kenguru hem awlaýarlar.



**Lire guşy.** Awstraliýanyň iň meşhur ýerli guşlarynyň biri bolan lireler owadan, uzyn guýrugy bilen tapawutlanýarlar. Ilkinji gezek 1798-nji ýylda köpçülige mälim bolandan soň, lira saz guralyna meňzeýän S şekili emele getirýändigi sebäpli, lire guşy diýlip atlandyrylýar. Awstraliýanyň jennet guşlary hem diýilýän lireler Wiktoriýa, Täze Günorta Uels we Kwinslend ştatlaryndaky tokaýlarda duş gelýär. Lire guşlary tomzakdyr ownuk mör-möjekler bilen iýmitlenýärler. 30 ýyla çenli ýaşaýan utanjaň guşlary golaýdan synlap bolmaýar.

# Kiçijik jübi näme üçin gerek?

**Köpiňiz jins jalbarlaryň sag tarapdaky jübüsinde goşmaça kiçijik jübini gören bolsaňyz gerek. Belki-de käbiriňizde kiçijik jübiniň näme üçin goýlandygy, oňa näme salyp boljakdygy barada pikirler ýa-da soraglar hem dörändir. Eýsem, egin-eşik dizaýnynda irki ýyllarda orun alan kiçijik jübi näme üçin gerek? Geliň, jins jalbarlardaky kiçijik jübiniň näme üçin gerekdigini öwreneliň!**

Jinsdäki kiçijik jübä käbir adam teňňe ýa-da ýeňilräk zat salsa-da, bu jübiniň goýulmagynyň maksady başgadyr. Irki döwürlerde adamlar dürli görnüşli sagatlary ulanypdyrlar. Hatda Ýewropada sagat götermek medeniýetiň, işewürligiň nyşany bolup, şol ýyllarda her bir erkek adamyň ýanynda ýüzi gapaklyja zynjyrly sagatlary bolupdyr. Goşar sagatlary oýlanyp tapylmazyndan öň ulanylan zynjyrly sagatlar jübüde göterilipdir. Uly jübüleriň tagaşyksyzdygy sebäpli zynjyrly sagatlar üçin kiçijik jübüler oýlanyp tapylýar. Egin-eşik dizaýnynyň taryhynda kiçijik jübüler «sagat jübüleri» diýlip hem atlandyrylýar.





Häzirki wagtda hem jins jalbarlarda kiçijik jübüler goýulýar. Munuň sebäbi jinsleriň nusgawy dizaýnynyň üýtgedilmezligi bilen düşündirilýär. Käbir penjek-jalbarda hem «bäşinji jübi» diýlip atlandyrylýan kiçijik jübüler goýulýar.

### GYSGAÇA TARYHY

Jins berk matadan tikilýän balak bolup, 1873-nji ýylda Jeýkob Deýwis we Lewi Strauss tarapyndan oýlanyp tapylýar. Şol ýyllar jins sözi jübüleri mis bilen berçinlenen «gök balak» diýmegi aňladypdyr. 1950-nji ýyllarda berk matadan tikilen gök balaklar, esasan hem, ýetginjekleriň arasynda meşhur egin-eşik nyşanyna öwrülýär. 1960-njy ýyllarda dürli ýaşdaky adamlaryň arasynda ýaýrap başlaýar. Häzirki wagtda her ýyl 10 milliard töweregi jins jalbar öndürilýär.



Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!





10 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat

# «Anora» 77-nji Kann film festiwalynyň ýeňijisi

Dünýäniň iň abraýly film festiwallarynyň biri bolan Kann film festiwaly tamamlandy. 77-nji gezek geçirilen festiwalda «Anora» (Anora) filmi baş baýraga – «Altyn palma» mynasyp boldy. Amerikaly režissýor Şon Beýkeriň komediýa-drama görnüşli filminde «Anora» atly gyzyň durmuşy barada, onuň Nýu Ýorkda ýaşaýşy barada söhbet açylýar. «Anora» filmi 2011-nji ýyldan soň «Altyn palma» baý-



ragyny gazanan ilkinji amerikan kinosy boldy. Bu filmden öň 2011-nji ýylda ussat režissýor Terrens Maligiň «Durmuşyň agajy» (Tree of Life) atly kinosy Kann film festiwalynda baş baýraga laýyk görlüpdi.

Amerikaly režissýor Greta Gerwigiň baştutanlygyndaky – ispaniýaly meşhur režissýor J.A. Baýona, türkiýeli ssenariçi Ebru Jeýlan, italiýaly aktýor Pierfrançesko Fawino, amerikaly aktrisa Lili Gladstoun, fransiýaly tanymal aktrisa Ewa Grin, ýaponiýaly belli režissýor Hirokazu Kore-eda, liwanly aktrisa hem-de režissýor Nadine Labaki, fransiýaly ussat aktýor Omar Saý dagydan düzülen eminler topary tarapyndan «Gran Pri» baýragyna hindistanly zenan režissýor Paýal Kapadianyň «Biziň ählimiz ýagtylyk ýaly pikir edýäris» (All We Imagine as Light) filmi mynasyp görüldi. Iň gowy režissýor baýragy «Uly gezelenç» (Gran Tour) filmi üçin portugaliýaly režissýor Miguel Gomese berildi.

Eminleriň ýörite baýragy «Emiliýa Peres» (Emilia Peres) filmi üçin fransiýaly režissýor Žak Odiara gowşuryldy. Filmde esasy keşplerde surata düşen Zou Saldanýa, Karla Sofiýa Gaskon, Selena Gomes hem-de Adriana Paz iň gowy aktrisa baýragy bilen sylaglandylar. Kann film festiwalynyň taryhynda mundan öňem ençeme gezek filmiň artistler topary iň gowy aktrisa ýa-da aktýor baýragyna mynasyp bolupdy. Žak Odiar mundan öňem «A Prophet», «Dheepan» filmleri bilen Kann kino festiwalynda degişlilikde «Gran Pri» hem-de «Altyn palma» baýraklaryny gazanypdy.

Iň gowy aktýor baýragyna gresiýaly režissýor Ýorgos Lantimosyň täze filmi «Ýagşylygyň görnüşleri» (Kinds of Kindness) filmindäki keşbi üçin amerikaly artist Jessi Plemons mynasyp boldy. Iň gowy ssenariý baýragyna «Hakykat» (The Substance) filminiň ssenariçisi hem-de režissýory fransiýaly zenan sungat işgäri Korali Farža gowşuryldy. Eýranly režissýor Mohammad Rasulof bolsa «Mukaddes injir agajynyň tohumy» atly filmi üçin Ýörite baýrak (Prix Special) bilen sylaglandy.

Festiwalyň «Başgaça garaýyş» bölüminde hytaýly režissýor Guan Hunuň «Gara it» (Gou Zhen) filmi baş baýraga mynasyp boldy. Ilkinji ekran işi üçin berilýän «Altyn kamera» baýragyny «Armand» filmini surata düşüren norwegiýaly režissýor Halwdan Ulman Týondel eýeledi.

10 günläp dowam eden festiwalda 3 sany «Altyn palma» hormat sylagy (Honorary Palme d'Or) gowşuryldy. Oskarly aktrisa Meril Strip, halypa režissýor, «Ýyldyz söweşleri» filmleriniň esaslandyryjysy Jorj Lukas hem-de ýaponlaryň meşhur anime öndürijisi «Studio Ghibli» kompaniýasy bu hormata laýyk görüldi. Kann film festiwalynyň taryhynda ilkinji gezek bir studiýa hormat sylagyna mynasyp boldy.



**77-nji Kann film festiwalynyň ýeňijileri:**

**«Altyn palma» baýragy:** «Anora» (Anora) – Şon Beýker

**«Gran Pri» baýragy:** «Biziň ählimiz ýagtylyk ýaly pikir edýäris» (All We Imagine as Light) – Paýal Kapadia

**Eminleriň ýörite baýragy:** «Emiliýa Peres» (Emilia Peres) – Žak Odiar

**Iň gowy režissýor baýragy:** Miguel Gomes – «Uly gezelenç» (Gran Tour)

**Iň gowy aktýor baýragy:** Jessi Plemons – «Ýagşylygyň görnüşleri» (Kinds of Kindness)

**Iň gowy aktrisa baýragy:** Zou Saldanýa, Karla Sofiýa Gaskon, Selena Gomes, Adriana Paz – «Emiliýa Peres» (Emilia Peres)

**Iň gowy ssenariý baýragy:** «Hakykat» (The Substance) – Korali Farža

**Ýörite baýrak (Prix Special)** – «Mukaddes injir agajynyň tohumy» – Mohammad Rasulof

# Täze filmler

**«Maýmynlar planetasynyň şalygy»** (Kingdom of the Planet of the Apes); **Keşplerde:** Owen Tig, Freýa Allan, Kewin Durand, Piter Makon, William H. Meýsi; **Režissýory:** Wes Boll; **Ssenariçi:** Joş Fridman; **Prodýuserleri:** Wes Boll, Jou Hartwik Junior, Rik Jaffa, Amanda Silwer, Jeýson T. Rid; **Kompozitory:** Jon Paesano; **Öndüriji:** «Oddball Entertainment», «Jason T. Reed Productions», «TSG Entertainment»; **Paýlaýjy:** «20th Century Studios»; **Dowamlylygy:** 145 minut; **Görnüşi:** ylmy-fantastik, uruşly başdan geçirme; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 160 million $.




Fransiýaly meşhur ýazyjy Pier Bulluň 1963-nji ýylda çapdan çykan «Maýmynlar planetasy» atly eseri esasynda umumylykda 10-njy kino bolan «Maýmynlar planetasynyň şalygy» filmine Wes Boll režissýorlyk edýär. «Labirintden gaçyşlyk» (The Maze Runner) filmleri bilen adygan režissýoryň bu filminde baş keşbi Owen Tig bilen Freýa Allan ýerine ýetirýär. 160 million amerikan dollar çykdajy edilen film 1 aýa golaý wagtdan bäri görkezilip gelinýär we prokatlarda häzirki güne çenli 300 million amerikan dollary töweregi girdeji toplady. Sidneý şäherinde surata düşürilen filmde bu gezek Sizar atly maýmynyň aradan çykmagyndan ep-esli watdan soň Noa atly şimpanze topara ýolbaşçylyk edýär.

«Hollywood»-yň awstraliýaly meşhur režissýory Jorj Miller «Telbe Maks» filmleriniň bäşinjisi üçin kameranyň arkasyna geçip, ol onuň ilkinjisini 1979-njy ýylda ekranlaşdyrypdy. Režissýoryň ilkinji 3 filminde baş keşbi Mel Gibson janlandyrypdy. 2015-nji ýylda ekranlara çykan we hemmäniň uly söýgüsini gazanan 4-nji filmde Tom Hardi surata düşüpdi. Köpleriň sabyrsyzlyk bilen garaşan 5-nji filmi Furiosanyň ýaşlyk ýyllary barada bolup, bu gezek baş keşpde Anýa Teýlor-Joý çykyş etdi. 168 million amerikan dollary çykdajy edilen film prokatlardan ilkinji hepdesinde garaşylyşyndan azrak girdeji toplady. Filmiň beýleki ýurtlarda-da görkezilip başlanmagyndan soň gazanjynyň ýokarlanmagyna garaşylýar. Dowamlylygy 148 minut bolan filmde ýaş aktrisa Anýa Teýlor-Joýa belli artistlerden Kris Hemswort, Tom Býork dagy ýoldaşlyk edýär. Bilermenlerden ýokary baha alan filmde Furiosanyň çagalyk hem-de ýaşlyk ýyllarynda başdan geçiren wakalary dogrusynda söhbet açylýar.




**«Furiosa: telba Maks dessany»** (Furiosa: A Mad Max Saga); **Režissýory:** Jorj Miller; **Keşplerde:** Anýa Teýlor-Joý, Kris Hemswort, Tom Býork, Alila Browni, Jon Howard, Jeýkob Tomuri; **Ssenariçi:** Jorj Miller, Niko Laturis (Jorj Miller hem-de Baýron Kennediniň personažlary esasynda); **Prodýuseri:** Dug Mitçell, Jorj Miller; **Kompozitory:** Tom Holkenborg; **Öndüriji:** «Kennedy Miller Mitchell», «Domain Entertainment», «Village Roadshow Pictures»; **Paýlaýjy:** «Warner Bros. Pictures»; **Dowamlylygy:** 148 minut; **Görnüşi:** postapokaliptik, uruşly başdan geçirme; **Ýurdy:** Awstraliýa, ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 168 million $.

# Kino täzelikleri

● Iki ussat aktýor – Arnold Şwarsenegger bilen Danni DeWito 3-nji gezek bir filmde bilelikde surata düşerler. Olar mundan öň 1988-nji ýylda «Ekizler» (Twins) hem-de 1994-nji ýylda «Körpe» (Junior) filmlerinde bile surata düşüpdiler. Ikisiniň täze filminiň ady entek belli bolman, ekran eseri «Warner Bros.» studiýasynyň önümi bolar. Bu barada DeWito: – Häzirki wagtda ikimiz ýene bir taslamanyň üstünde işleýäris. Ssenariýasy taýýar bolup barýar. Elimize gelip gowşanyndan soň has içgin maglumat bereris – diýip aýtdy.



● Türkiýeli meşhur komediýaçy Jem Ýylmaz özüniň sosial hasaby arkaly «G.O.R.A.» filmleriniň dördünjisiniň ekranlaşdyryljakdygyny habar berdi. Bu film aktýoryň soňky kinolary ýaly «Netflix»-iň önümi bolar. «Gora 4 Gora» atly filmiň haçan ýaýlyma goýberiljekdigi anyk bolman, öňümizdäki güýzde «Netflix»-de görkezilmegine garaşylýar. Seriýanyň ilkinji kinosy «G.O.R.A.» 2004-nji ýylda, ikinjisi «A.R.O.G.» 2008-nji ýylda, üçünjisi «Arif V 216» 2018-nji ýylda ekranlara çykypdy.




● Halypa, ussat aktýor Al Paçinonyň täze taslamasy «Captivated» filmi bolup, ol bu ekran eserinde bikanun hereket edýän toparyň hojaýynynyň keşbini ýerine ýetirer. «Deadline» neşiriniň habar bermegine görä, filmde Keýti Holmz bilen Tobi Kebbell hem surata düşer. Dito Montieliň režissýorlyk etjek filminiň ssenarisini Robin Şuşan bilen Maýkl Mammoliti bilelikde ýazar. Şu ýylyň dowamynda Italiýada surata düşürilip başlanjak filmde 1973-nji ýylda amerikanyň belli baýlaryndan Jon Pol Gettiniň agtygynyň başyndan geçiren wakalary barada gürrüň berler.



## 28-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Ö | | L | | Y | | E | R | K | I | N |
| I | N | T | E | R | N | E | T | | A | | E |
| | Ü | | Z | | A | | R | E | D | I | S |
| A | M | A | Z | O | N | K | A | | Y | | Ý |
| | L | | E | | A | | P | E | R | D | E |
| D | I | K | T | A | N | T | | Ý | | O | |
| E | | E | | Ç | | E | Z | Ý | A | K | A |
| P | E | R | W | A | N | A | | A | | M | |
| E | S | T | | R | | T | Y | M | S | A | L |
| | K | | Ý | | E | R | K | | Y | | U |
| K | I | N | O | | M | | B | O | L | S | A |
| | M | | D | O | G | R | A | M | A | | S |
| B | O | L | | | E | | L | A | G | T | A |
| | S | A | D | A | K | A | | Ç | | I | |
| S | | W | | Ý | | K | L | A | P | A | N |
| A | W | S | T | R | I | Ý | A | | A | R | A |
| Ý | | A | | A | | A | D | I | D | A | S |
| A | N | N | A | | U | L | A | | A | | A |

## 29-njy krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | G | Ý | U | Ý | S | | | | U | M | M | A | N | |
| Ş | | A | | E | | I | S | A | | A | | D | | G |
| I | T | B | U | R | U | N | | Ý | A | Ň | G | A | L | A |
| M | | A | | T | | D | O | R | | L | | L | | R |
| P | A | N | D | U | R | I | | A | Ý | A | K | G | A | P |
| A | | Y | | D | | | | | | Ý | | A | | A |
| N | | | G | A | T | Y | K | E | L | L | E | | | M |
| Z | | | | N | | | O | | | Y | | | | Y |
| E | H | M | | A | R | G | A | M | A | K | | T | O | K |
| | | O | | | A | | L | | Ň | | | R | | |
| H | | N | | | K | | A | | L | | | A | | Ü |
| E | G | I | N | D | E | Ş | | T | A | N | Y | M | A | L |
| K | | T | | | T | | O | | T | | | W | | E |
| | | O | | | K | | K | | M | | | A | | |
| G | A | R | | H | A | R | A | S | A | T | | Ý | A | Ý |
| A | | | | I | | | P | | | R | | | | Y |
| R | | | A | N | U | Ş | I | R | W | A | N | | | L |
| L | | A | | D | | | | | | G | | M | | K |
| A | K | T | R | I | S | A | | E | Ş | E | G | A | R | Y |
| W | | A | | S | | Ý | A | Z | | D | | S | | B |
| A | H | B | E | T | I | N | | I | Ç | I | G | A | R | A |
| Ç | | E | | A | | A | R | Z | | Ý | | L | | N |
| | I | G | E | N | Ç | | | | K | A | T | A | R | |

## 23-nji SKANWORD




## 24-nji SKANWORD



## 30-njy KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Gadymy Parfiýa döwletiniň paýtagty. **2.** Müsüriň Günorta Sinaý welaýatynda dynç alyş şäheri. **3.** Belli bir ugra, tarapa gönükme. **4.** Sungatyň dürli ugurlarynda görnükli şahsyýetler üçin hormatly at. **5.** Dünýäniň taraplaryny görkezýän enjam. **6.** Oýunçy. **9.** Sekunt ölçeg enjamy. **10.** Ýeriň suw gabygy. **12.** Okuw dersi. **17.** Parasatly. **19.** Çilide bir çöl. **21.** Düşümleriň biri. **22.** Gylyjyň el bilen tutulýan ýeri, sapy. **25.** Gymmatbaha parça matadan tikilen don. **26.** Gyz ady.

**KESELIGINE:** **1.** Şekillendiriş sungatynyň bir žanry. **7.** Russiýanyň altyn gazyp alýan kompaniýasy. **8.** Üýtgeşik, geň, täsin. **11.** Ýewropada bir döwlet. **13.** Kiçijik köl balygy. **14.** Tämiz, päkize. **15.** 1000 kg barabar agyrlyk ölçegi. **16.** Gyz ady. **18.** Başarnykly, işine ökde. **20.** Dykyz, gaty pagta mata. **23.** Ýokardan aşaklygyna, ýapaşak. **24.** Türkmen aty. **27.** Bakja ekini. **28.** Gök reňkli gymmatly daş ...-lazur. **29.** Syratly, görmegeý.





Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

## 19 ýyldan soň yklymyň çempiony




AFK Çempionlar Ligasynda BAE-niň «Al-Ain» topary ýeňiji boldy. Finalyň jogap duşuşygynda öz meýdançasynda Ýaponiýanyň «Ýokohama F. Marinos» toparyny 5–1 hasabynda ýeňen «Al-Ain» topary 19 ýyldan soň bu arzyly kubogy 2-nji gezek asmana göterdi. Myhmançylykda 2–1 hasabynda ýeňlen «Al-Ain» toparyna jogap duşuşygynda uly hasaply ýeňiş getiren gollary Rahimi (8, 67), Kaku (33 p) hem-de Laba (90+1, 90+5) geçirdi. Ýaponlaryň ýeke-täk goluny bolsa 40-njy minutda Ýan Mateus derweze girizdi. Duşuşygyň 45+10-njy minutynda ýapon toparynyň derwezeçisi William Popp gyzyl kart aldy. Şunlukda, 2 oýnuň netijesi boýunça 6–3 hasabynda ýeňiş gazanan «Al-Ain» topary 2003-nji ýyldan soň 3-nji gezek AFK Çempionlar Ligasynyň çempiony bolmagy başardy. Argentinaly Hernan Kresponyň tälim berýän topary bu kubogy 2-nji gezek gazanan 14-nji klub hökmünde bellige alyndy.

Ýapon kluby «Ýokohama F. Marinos» topary-da 34 ýyldan soň çykan 2-nji finalynda-da kubogy gazanyp bilmedi. Ol kubogy gazanyp bilmedik toparlaryň arasynda 2 gezek finalda asgyn gelen 4-nji topardyr.

42-nji gezek geçirilen ýaryşda çempion toparyň marokkoly ýyldyzy Sufian Rahimi 13 gol bilen iň netijeli oýunçy boldy hem-de bäsleşigiň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

## IKINJI AÝLAW TAMAMLANDY



**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 16 | 16 | 0 | 0 | 78–8 | 48 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 16 | 12 | 1 | 3 | 43–17 | 37 |
| 3 | «AHAL» | 16 | 11 | 1 | 4 | 35–17 | 34 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 16 | 8 | 0 | 8 | 21–20 | 24 |
| 5 | «MERW» | 16 | 7 | 0 | 9 | 12–30 | 21 |
| 6 | «AŞGABAT» | 16 | 5 | 1 | 10 | 14–34 | 16 |
| 7 | «NEBITÇI» | 16 | 5 | 0 | 11 | 12–31 | 15 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 16 | 3 | 3 | 10 | 10–31 | 12 |
| 9 | «ENERGETIK» | 16 | 1 | 2 | 13 | 8–45 | 5 |

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 2-nji aýlaw tamamlandy. 18-nji tapgyrda geçirilen duşuşyklarda 16 gol derwezä girizilip, 3 oýunda ýer eýeleri ýeňiş gazandy. Sanawyň ýeňlişsiz lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Şagadam» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Röwşen Begjanowyň goly bilen 14-nji minutda öňe saýlanan myhmanlara ýer eýeleri Şanazar Tirkişowyň (20), Abdy Başimowyň (32) hem-de Begenç Akmämmedowyň (88) gollary esasynda jogap berdi.

«Altyn asyr» topary öz meýdançasynda «Merw» toparyny 5–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda aragatnaşykçylaryň gollaryny Arslan Saparow (23, 52), Zafar Babajanow (30), Selim Nurmyradow (44 p) hem-de Röwşengeldi Halmämmedow (68), «Merwiň» gollaryny bolsa Şazada Başimow (10) bilen Aly Haýdarow (77) geçirdi.

«Ahal» topary öz meýdançasynda «Köpetdag» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 top geçirip, gollary 12-nji minutda Elman Tagaýew, 44-nji we 45-nji minutlarda Alibek Abdyrahmanow hem-de 54-nji minutda Gurban Annaýew öz atlaryna ýazdyrdylar.

«Nebitçi» bilen «Energetik» toparynyň arasyndaky oýunda-da garaşylmadyk netije hasaba alnyp, myhmanlar Awdyresul Abdyýewiň 40-njy minutdaky ýeke-täk goly esasynda möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazandy.

EURO 2024-e tarap




UEFA EURO2024 GERMANY
14 GÜN GALDY

## UEFA-nyň ýaryşlarynda çempion bolan ilkinji grek kluby

**UEFA-nyň täze ýaryşy bolan Ýewropa Konferensiýa Ligasynda 3-nji möwsümiň çempiony Gresiýanyň «Olimpiakos» topary boldy.**

Gresiýanyň paýtagty Afinyda geçirilen finalda «Olimpiakos» topary Italiýanyň «Fiorentina» toparyndan goşmaça wagtda 1–0 hasabynda üstün çykdy. «AEK Arena» stadionyndaky finala 26 müň 842 janköýer tomaşa etdi. Portugaliýaly Artur Soareş Diasyň eminlik eden oýnunda italýan topary has erjel oýun görkezip, has köp pursat döretdi. Ýöne netijede «Olimpiakosyň» finala çykmagynda uly rol oýnan marokkoly hüjümçisi Aýub El-Kaabiniň 116-njy minutdaky goly esasynda taryhy çempionlygyny baýram etdi. «Olimpiakos» topary UEFA-nyň ýaryşlarynda çempionlyk gazanan ilkinji grek kluby hökmünde hasaba alyndy. Şeýle-de, Gresiýa UEFA-nyň ýaryşlarynda kluby çempionlyk gazanan 18-nji ýurt boldy.

«Olimpiakos» toparynyň hüjümçisi El-Kaabi pleý-off tapgyrlarynda 11 gol geçirip, UEFA-nyň ýaryşlarynda bu görkezijä ýeten ilkinji oýunçy boldy. Ronaldo, Benzema, Falkao dagy pleý-off duşuşyklarynda bir möwsümde 10 gol geçiripdi.

«Olimpiakosyň» ispaniýaly tälimçisi Hoze Luis Mendilibar 12 aý öň «Sewilýa» toparyna UEFA Ýewropa Ligasynyň kubogyny gazandyrypdy. UEFA-nyň ýaryşlarynda yzly-yzyna 2-nji kubogyny gazanan Mendilibar 2 toparada ýaz aýlarynda tälimçi bellenipdi.




«Fiorentina» topary UEFA-nyň täze ýaryşynda yzly-yzyna 2-nji gezek finaldan boş gaýtdy. «Olimpiakos» garşysyna esasy düzümde meýdança çykan 11 futbolçynyň 8-si geçen ýylky finalda-da başlangyç sanawda oýnapdy.

2022-nji ýyldan bäri geçirilýän bu ýaryşda ilki «Roma», geçen ýylda-da «West Ham» topary çempionlyk gazandy.

## Çehiýa 13-nji gezek Dünýäniň çempiony

Hokkeý boýunça Çehiýada geçirilen 87-nji Dünýä çempionatynda ýer eýeleri çehler çempionlyk gazandy. Çehiýanyň ýygyndysy finalda Şweýsariýanyň ýygyndysyny Pastrnýak (49:13) hem-de Kampfyň (59:41) gollary esasynda 2:0 hasabynda ýeňdi. Şunlukda, Çehiýanyň ýygyndysy 11 ýyldan soň 13-nji çempionlygyny gazandy. Olaryň altyn medallarynyň 6-sy ozalky Çehoslowakiýa döwründe gazanylan çempionlyklardyr. Çehiýanyň ýygyndysy çempionlyk gazanmakda Kanadadyr (28) Russiýadan (27) soň 3-nji orny eýeleýär.

Bürünç medal ugrundaky duşuşykda Şwesiýanyň ýygyndysy geçen ýylyň çempiony Kanadany Grundströmiň 2 gol geçiren oýnunda 4-2 hasabynda ýeňdi.



gezek dünýä birinjiligi bolan Şwesiýanyň ýygyndysy 19-njy sapar bürünç medaly eýelemegi başardy. Ýaryşyň taryhynda 53 medaly bolan Kanadanyň ýygyndysy soňky 10 ýylda 2-nji gezek çempionaty medalsyz tamamlady.

Şu wagta çenli çempionlyk gazanyp bilmedik Şweýsariýanyň ýygyndysy 4-nji gezek finalda ýeňlip, ýene bir ýola altyn medalyň bosagasyndan gaýtdy. Şweýsariýa ýarym finalda Kanadany owertaýmda 3:2, Çehiýa bolsa Şwesiýany Kubalik hem-de Sedlagyň hersiniň 2 şaýba geçiren duşuşygynda 7:3 hasabynda utupdy.

Ýaryşyň iň ökde oýunçysy baýragyna şweýsariýaly Kewin Fiala laýyk görüldi. Çempionat geljek ýyl Şwesiýada hem-de Daniýada geçiriler.

## Banaia



## aratapawudy azaldýar

**Moto GP boýunça möwsümiň 6-njy ýaryşy Kataloniýa «Gran Prisi» Ispaniýanyň Montmelo şäherinde geçirilip, «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia ýeňiji boldy. Ol 24 aýlawy 40 minut 11,726 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 21-nji ýeňşini gazandy. Ýaryşda ispaniýaly sürüjiler – Horge Martin («Prima Pramac»), Mark Markes («Gresini Racing») hem-de Aleiks Espargaro («Aprilia») 2–3–4-nji orunlary eýelediler. Esasy ýaryşdan öň geçirilen sprint bäsleşiginde ispaniýaly pilotlar – Aleiks Espargaro, Mark Markes hem-de Pedro Akosta («KTM Red Bull GasGas Tech3») öňdäki 3 orna mynasyp boldy. Sürüjileriň sanawynda Horge Martin 155 utuk bilen 1-nji orunda barýar. 2–3-nji orunlardaky Banaianyň 116, Markesiň 114 utugy bar. Möwsümiň 7-nji ýaryşy 2-nji iýunda Italiýanyň Florensiýa sebitinde geçiriler.**



## 93 ýyldan soň ýerli sürüji ýeňiji boldy

Formula 1 boýunça möwsümiň 8-nji ýaryşy Monakonyň paýtagty Monte Karlonyň köçelerinde geçirildi. 78 aýlawdan ybarat bolan F1-iň iň abraýly «Gran Prisinde» eýýäm 1-nji aýlawda 3 sürüjiniň ulagynyň çaknyşmagyndan soň, ýaryş togtadyldy. Belli bir wagtdan soň täzeden başlanan ýaryşda «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan başlan ýaryşyny 2 sagat 23 minut 15,554 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň 2022-nji ýyldaky Awstriýa «Gran Prisinden» soňky ilkinji ýeňşidir. Şeýle-de, Şarl Lekler 1931-nji ýyldan soň Monako «Gran Prisinde» ýeňiş gazanan ilkinji monakoly sürüji hökmünde hasaba alyndy. 1931-nji ýylda Lui Şiron ýeňiji bolupdy. Lekler F1-iň taryhynda Monakoda ýeňiş gazanan ilkinji ýerli sürüji boldy. Leklerden 7,152 sekunt yza galan «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi Oskar Piastri 2-nji, 7,585 sekunt soň pellehanadan geçen ispaniýaly topardaşy Karlos Saýns Junior 3-nji orny eýeledi.

Sanawda Werstappen 169 utuk bilen liderligini dowam etdirýär. Utugyny 138-e çykaran Lekler 2-nji ýerde barýar. 113 utukly Norris 3-nji, 108 utukly Saýns 4-nji ýere beýgeldi. Möwsümiň 9-njy ýaryşy 9-njy iýunda Kanadanyň Monreal şäherinde geçiriler.

## «Panatinaikos» öz rekordyny ösdürdi

Basketbol boýunça Ýewropanyň iň uly klub ýaryşy Ýewroligada Gresiýanyň «Panatinaikos» topary çempion boldy. Germaniýanyň paýtagty Berlinde geçirilen «Final Four»-da ýarym finalda Türkiýäniň «Fenerbahçe» toparyny 73:57 hasabynda ýeňen «Panatinaikos» finalda «Real Madrid» bilen duşuşdy. «Real Madrid» ýarym finalda Gresiýanyň başga bir topary «Olimpiakosy» 87:76 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.




Final duşuşygynda «Panatinaikos» topary güýçli garşydaşy «Real Madridi» 85:80 hasabynda ýeňip, 13 ýyldan soň Ýewroligada çempionlyk gazandy. Duşuşykda Kostas Sloukas 24 utuk geçirip, toparynyň ýeňşine ýnamly goşant goşdy. Bu olaryň 7-nji çempionlyk bolup, pireýliler sanawyň başyny çekip gelýär. Finalda 4-nji gezek utulan «Real Madridiň» 5 çempionlygy bar.

3-nji ýer üçin geçirilen duşuşykda «Olimpiakos» topary «Fenerbahçe» toparyny 87:84 hasabynda ýeňip, 25 ýyldan soň bürünç medal gazandy.

Çempion toparyň ýyldyzy Kostas Sloukas ýaryşyň iň gymmatly oýunçysy diýlip saýlandy.




## «Barselonanyň» bassyr 2-nji ýeňşi

UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynda «Barselona» topary ýeňiş gazandy. Ispaniýanyň Bilbao şäherindäki «San Mames» stadionynda oýnalan finalda «Barselona» Fransiýanyň «Lion» toparyny 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Katalonlara bassyr 2-nji çempionlygyny gazandyran gollary «Altyn top» baýragynyň soňky 2 ýylyndaky ýeňijileri – Aitana Bonmati (63) bilen oýna gireninden 3 minutdan soň tapawutlanan Aleksia Putellas (90+5) geçirdi. Şeýlelikde, 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Barselona» bassyr 2-nji, umumylykda 3-nji çempionlygyny baýram etdi. Soňky 4 ýylda 3-nji gezek kubogy eýelän «Barselona» çempionlygyny goran 4-nji topar boldy (2021, 2023, 2024). «Barselona» topary mundan öň «Liondan» 2 gezek finalda asgyn gelipdi (2019, 2022). «Barselona» topary çempionlyk gazanmakda «Liondyr» (8) «Aýntrahtdan» (4) soň 3-nji orunda barýar.

## KUBOK ÝARYŞLARYNYŇ ÝEŇIJILERI



Angliýanyň FA Kubogynyň finalynda «Wembley»-de geçirilen derbi duşuşygynda «Mançester Ýunaýted» «Mançester Sitini» 2–1 hasabynda ýeňip (Garnaço 30, Mainu 39 — Doku 87), 13-nji gezek bu kuboga mynasyp boldy.

Portugaliýanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Porto» ýurduň çempiony «Sportingi» goşmaça wagtda 2–1 hasabynda ýeňip (Ewanilson 25, Taremi 100 p — Sen-Žust 20), bassyr 3-nji, umumylykda-da 20-nji gezek kubogy eýeledi.

Germaniýanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Baýer» 2-nji liganyň wekili «Kaizerslauterni» Džakanyň 16-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňip, 1993-nji ýyldan soň taryhynda 2-nji gezek kubogy eýelemegi başardy.

Fransiýanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda PSŽ topary «Liony» 2–1 hasabynda ýeňip (Dembele 22, Fabian 34 — O'Braýan 55), 3 ýyldan soň, 15-nji gezek kubogy asmana göterdi.

### LA LIGA (38) — 31 gol

**Žirona—Granada: 7–0** (Erik Garsiýa 30, Sygankow 33, 54, Dowbyk 44 p, 75, 90 p, Stuani 78), **Osasuna—Wilýarreal: 1–1** (Budimir 30 — Morales 57), **R. Sosiedad—Atletiko: 0–2** (Lino 9, Mandawa 90+3), **Almeriýa—Kadiz: 6–1** (Melere 48, Arribas 51, 86, Salddua 57 ö.d., Luis Suares 65, 71 — Okampo 30), **R. Wallekano—Atletik: 0–1** (Niko Williams 67), **Real Madrid—Betis: 0–0, Hetafe—Malýorka: 1–2** (Alwares 48 — Muriki 90, Maffeo 90+3), **Las Palmas—Alawes: 1–1** (Mark Kardona 71 — Wisente 50), **Selta—Walensiýa: 2–2** (Ýago Aspas 49 p, Duwikas 62 — Dominges 5 ö.d., Mari 60 p), **Sewilýa—Walensiýa: 1–2** (En-Nesiri 31 — Lewandowski 15, Fermin Lopes 59)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID (Ç) | 38 | 29 | 8 | 1 | 87-26 | 95 |
| 2 | BARSELONA | 38 | 26 | 7 | 5 | 79-44 | 85 |
| 3 | ŽIRONA | 38 | 25 | 6 | 7 | 85-46 | 81 |
| 4 | ATLETIKO M | 38 | 24 | 4 | 10 | 70-43 | 76 |
| 5 | ATLETIK B | 38 | 19 | 11 | 8 | 61-37 | 68 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 38 | 16 | 12 | 10 | 51-39 | 60 |
| 7 | BETIS | 38 | 14 | 15 | 9 | 48-45 | 57 |
| 8 | WILÝARREAL | 38 | 14 | 11 | 13 | 65-65 | 53 |
| 9 | WALENSIÝA | 38 | 13 | 10 | 15 | 40-45 | 49 |
| 10 | ALAWES | 38 | 12 | 10 | 16 | 36-46 | 46 |
| 11 | OSASUNA | 38 | 12 | 9 | 17 | 45-56 | 45 |
| 12 | HETAFE | 38 | 10 | 13 | 15 | 42-54 | 43 |
| 13 | SELTA | 38 | 10 | 11 | 17 | 46-57 | 41 |
| 14 | SEWILÝA | 38 | 10 | 11 | 17 | 48-54 | 41 |
| 15 | MALÝORKA | 38 | 8 | 16 | 14 | 33-44 | 40 |
| 16 | LAS PALMAS | 38 | 10 | 10 | 18 | 33-47 | 40 |
| 17 | R. WALLEKANO | 38 | 8 | 14 | 16 | 29-48 | 38 |
| 18 | KADIZ | 38 | 6 | 15 | 17 | 26-55 | 33 |
| 19 | ALMERIÝA | 38 | 3 | 12 | 23 | 43-75 | 21 |
| 20 | GRANADA | 38 | 4 | 9 | 25 | 38-79 | 21 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Artem DOWBYK (Žirona) | 24 |
| 2 | Aleksander SERLOT (Wilýarreal) | 23 |
| 3 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 19 |
| 4 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 19 |
| 5 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 17 |

### SERIE A (38) — 28 gol

**Kaliari—Fiorentina: 2–3** (Deýola 64, Mutandwa 85 — Bonawentura 39, Gonzales 89, Artur 90+13 p), **Jenoa—Bolonýa: 2–0** (Malinowski 13, Witinýa 59), **Ýuwentus—Monza: 2–0** (Kieza 26, Aleks Sandro 28), **Milan—Salernitana: 3–3** (Leao 22, Žiru 27, Kalabriýa 77 — Simi 64, 89, Sambiýa 87), **Napoli—Leççe: 0–0, Atalanta—Torino: 3–0** (Skamakka 26, Lukman 43, Paşaliç 70 p), **Empoli—Roma: 2–1** (Kançelieri 13, Niang 90+3 — Auar 45+1), **Frozinone—Udineze: 0–1** (Dewis 76), **Lasio—Sassuolo 1–1** (Zakkanýi 60 — Witi 66), **Werona—Inter: 2–2** (Noslin 16, Suslow 37 — Arnautowiç 10, 45+1)

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER (Ç) | 38 | 29 | 7 | 2 | 89-22 | 94 |
| 2 | MILAN | 38 | 22 | 9 | 7 | 76-49 | 75 |
| 3 | ÝUWENTUS | 38 | 19 | 14 | 5 | 54-31 | 71 |
| 4 | ATALANTA | 37 | 21 | 6 | 10 | 70-39 | 69 |
| 5 | BOLONÝA | 38 | 18 | 14 | 6 | 54-32 | 68 |
| 6 | ROMA | 38 | 18 | 9 | 11 | 65-46 | 63 |
| 7 | LASIO | 38 | 18 | 7 | 13 | 49-39 | 61 |
| 8 | FIORENTINA | 37 | 16 | 9 | 12 | 58-44 | 57 |
| 9 | TORINO | 38 | 13 | 14 | 11 | 36-36 | 53 |
| 10 | NAPOLI | 38 | 13 | 14 | 11 | 55-48 | 53 |
| 11 | JENOA | 38 | 12 | 13 | 13 | 45-45 | 49 |
| 12 | MONZA | 38 | 11 | 12 | 15 | 39-51 | 45 |
| 13 | WERONA | 38 | 9 | 11 | 18 | 38-51 | 38 |
| 14 | LEÇÇE | 38 | 8 | 14 | 16 | 32-54 | 38 |
| 15 | UDINEZE | 38 | 6 | 19 | 13 | 37-53 | 37 |
| 16 | KALIARI | 38 | 8 | 12 | 18 | 42-68 | 36 |
| 17 | EMPOLI | 38 | 9 | 9 | 20 | 29-54 | 36 |
| 18 | FROZINONE | 38 | 8 | 11 | 19 | 44-69 | 35 |
| 19 | SASSUOLO | 38 | 7 | 9 | 22 | 43-75 | 30 |
| 20 | SALERNITANA | 38 | 2 | 11 | 25 | 32-81 | 17 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 24 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 16 |
| 3 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 15 |
| 4 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 15 |
| 5 | Albert GUDMUNDSSON (Jenoa) | 14 |

### SÜPER LIG (38) — 39 gol

**Alanýaspor—Antalýaspor: 1–1** (Wi Ço Hwan 3 — Buksa 81), **F. Karagümrük—Samsunspor: 3–1** (Markao 42, Mendeş 50, Ýalçyn 90+2 — Aýdogdu 57), **Siwasspor—Kaýserispor: 2–1** (Koýta 9, Saktaş 53 — Attama 24), **A. Demirspor—Istanbul BŞ: 2–6** (Aýdogan 37 p, Mendosa 88 — Pýontek 5, 13, 68 p, Özkan 40, Dewidson 44, Figeýredo 90+1), **Kasympaşa—Beşiktaş: 2–1** (Da Koşta 4, Özkan 61 — Kylyçsoý 87), **Konýaspor—Galatasaraý: 1–3** (Prip 78 — Ikardi 29, 51, Kutlu 53), **Pendikspor—Gaziantep: 0–1** (Özçiçek 33), **Trabzonspor—Ankaragüjü: 4–2** (Wişça 64, Destan 88, 90, 90+7 p — Hasigowanis 25 p, Sou 78), **Fenerbahçe—Istanbulspor: 6–0** (Jeko 8 p, Şimanski 15, Tadiç 35, Osaýi-Samuel 66, Dursun 76, King 78), **Hataýspor—Rizespor: 2–0** (Dele-Başiru 4, Strandberg 57)

**TÜRKIÝÄNIŇ ÇEMPIONATY /SÜPER LIG/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | GALATASARAÝ (Ç) | 38 | 33 | 3 | 2 | 92-26 | 102 |
| 2 | FENERBAHÇE | 38 | 31 | 6 | 1 | 99-31 | 99 |
| 3 | TRABZONSPOR | 38 | 21 | 4 | 13 | 69-50 | 67 |
| 4 | ISTANBUL BŞ | 38 | 18 | 7 | 13 | 57-43 | 61 |
| 5 | BEŞIKTAŞ | 38 | 16 | 8 | 14 | 52-47 | 56 |
| 6 | KASYMPAŞA | 38 | 16 | 8 | 14 | 62-65 | 56 |
| 7 | SIWASSPOR | 38 | 14 | 12 | 12 | 47-54 | 54 |
| 8 | ALANÝASPOR | 38 | 12 | 16 | 10 | 53-50 | 52 |
| 9 | Ç. RIZESPOR | 38 | 14 | 8 | 16 | 48-58 | 50 |
| 10 | ANTALÝASPOR | 38 | 12 | 13 | 13 | 44-49 | 49 |
| 11 | KAÝSERISPOR | 38 | 11 | 12 | 15 | 44-57 | 45 |
| 12 | ADANA D. SPOR | 38 | 10 | 14 | 14 | 54-61 | 44 |
| 13 | GAZIANTEP | 38 | 12 | 8 | 18 | 50-57 | 44 |
| 14 | SAMSUNSPOR | 38 | 11 | 10 | 17 | 42-52 | 43 |
| 15 | HATAÝSPOR | 38 | 9 | 14 | 15 | 45-52 | 41 |
| 16 | KONÝASPOR | 38 | 9 | 14 | 15 | 40-53 | 41 |
| 17 | F. KARAGÜMRÜK | 38 | 10 | 10 | 18 | 49-52 | 40 |
| 18 | ANKARAGÜJÜ | 38 | 8 | 16 | 14 | 46-52 | 40 |
| 19 | PENDIKSPOR | 38 | 9 | 10 | 19 | 42-73 | 37 |
| 20 | ISTANBULSPOR | 38 | 4 | 7 | 27 | 27-80 | 19 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mauro IKARDI (Galatasaraý) | 25 |
| 2 | Edin JEKO (Fenerbahçe) | 21 |
| 3 | Mame TIAM (Kaýserispor) | 18 |
| 4 | Reý MANAÝ (Siwasspor) | 18 |
| 5 | Kşiştof PÝONTEK (Istanbul BŞ) | 17 |

### PREMÝER LIGA (30) — 16 gol

**Zenit—Rostow: 2–1** (Mantuan 65 p, Artur 85 — Ronaldo 54), **Krasnodar—Dinamo: 1–0** (Kordoba 52), **Krylýa Sowetow—Pari NN: 1–1** (Garre 58 – Ze Turbo 77), **SSKA—Ural: 2–0** (Dawila 40, Musaýew 42), **Rubin—Soçi: 1–1** (Daku 22 — Guarirapa 87), **Baltika—Lokomotiw: 1–3** (Lisakowiç 76 p — Mirançuk 8, Karpukas 66, Suleýmanow 88), **Fakel—Ahmat: 2–0** (Božin 6, Markow 54), **Orenburg—Spartak: 0–0**

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ZENIT (Ç) | 30 | 17 | 6 | 7 | 52-27 | 57 |
| 2 | KRASNODAR | 30 | 16 | 8 | 6 | 45-29 | 56 |
| 3 | DINAMO | 30 | 16 | 8 | 6 | 53-39 | 56 |
| 4 | LOKOMOTIW | 30 | 14 | 11 | 5 | 52-38 | 53 |
| 5 | SPARTAK | 30 | 14 | 8 | 8 | 41-32 | 50 |
| 6 | SSKA | 30 | 12 | 12 | 6 | 56-40 | 48 |
| 7 | ROSTOW | 30 | 12 | 7 | 11 | 43-46 | 43 |
| 8 | RUBIN | 30 | 11 | 9 | 10 | 31-38 | 42 |
| 9 | K. SOWETOW | 30 | 11 | 8 | 11 | 46-44 | 41 |
| 10 | AHMAT | 30 | 10 | 5 | 15 | 33-45 | 35 |
| 11 | FAKEL | 30 | 7 | 11 | 12 | 22-31 | 32 |
| 12 | ORENBURG | 30 | 7 | 10 | 13 | 34-41 | 31 |
| 13 | PARI NN | 30 | 8 | 6 | 16 | 29-51 | 30 |
| 14 | URAL | 30 | 7 | 9 | 14 | 30-46 | 30 |
| 15 | BALTIKA | 30 | 7 | 5 | 18 | 33-42 | 26 |
| 16 | SOÇI | 30 | 5 | 9 | 16 | 37-48 | 24 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo KASSIERRA (Zenit) | 21 |
| 2 | Konstantin TÝUKAWIN (Dinamo) | 15 |
| 3 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 15 |
| 4 | Fedor ÇALOW (SSKA) | 12 |
| 5 | Mohamed KONATE (Ahmat) | 11 |

## Russiýada «Zenit», Türkiýede «Galatasaraý»

**Ne «Dinamo», ne-de «Krasnodar» – ýene-de «Zenit»**

Russiýanyň çempionaty «Premýer Ligada» soňky ýyllaryň iň ýatda galyjy çempionlyk göreşi bolan hem bolsa çempion üýtgemedi. Sankt-Peterburg şäheriniň «Zenit» topary




çempionlyk babatda has tejribelidigini ýene bir ýola subut etdi. Soňky tapgyra lider bolup giren «Dinamo» myhmançylykda 3-nji ýerdäki «Krasnodardan» 1–0 hasabynda asgyn geldi. «Zenit» bolsa öz meýdançasynda «Rostowy» garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, 2–1 hasabynda ýeňip, çempionlygyny baýram etdi. Bassyr 6-njy gezek çempion bolan «Zenit» bu ugurda «Spartagyň» rekordyny gaýtalady. «Zenit» topary umumylykda Russiýanyň çempionatynda 10-njy, ozalky SSSR-i hasaba alanyňda-da, 11-nji gezek çempion bolmagy başardy. Ne özi çempion bolan, ne-de «Dinamonyň» çempionlygyna ygtyýar beren «Krasnodar» taryhynda ilkinji gezek 2-nji orny eýeledi. Soňky 3 möwsümde 2-nji gezek 3-nji ýeri eýelän «Dinamo» toparyna 1976-njy ýyldan bäri çempionlyk başardanok.

**Rekord derejede utuk toplan «Galatasaraýyň» 24-nji çempionlygy**

Türkiýäniň çempionaty «Süper Lig»-de «Galatasaraý» topary bassyr 2-nji, umumylykda 24-nji çempionlygyny baýram etdi. Mundan öňki tapgyrda öz meýdançasynda



«Fenerbahçeden» asgyn gelip (1–0), çempionlygy 38-nji tapgyra goýan «Galatasaraý» myhmançylykda «Konýaspordan» Ikardi (2) we Kutlunyň gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. 102 utuk toplan «Galatasaraý» soňky tapgyrda «Istanbulspory» 6–0 hasap bilen ýeňen «Fenerbahçeden» 3 utuk öňe saýlandy. Çempionatyň taryhynda «Galatasaraý» iň köp utuk toplap, çempionlyk gazanan klub boldy. Çempionatda iň aşaky orunlary eýelän Stambul şäheriniň 3 kluby — «Istanbulspor», «Pendikspor», «Fatih Karagümrük», şol sanda soňky tapgyrda «Trabzonspordan» 4–2 hasabynda asgyn gelen paýtagt Ankaranyň «Ankaragüjü» topary 2-nji liga düşdi.

**104 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek ýokary liganyň ýeňijisi boldy**

Polşanyň çempionaty «Ekstraklasa»-da bassyr 2-nji möwsüm täze çempion peýda boldy. Belostok şäheriniň «Ýagelloniýa» topary 104 ýyllyk taryhynda ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Soňky tapgyrda «Warta» toparyny 3–0 hasabynda ýeňen «Ýagelloniýa» kluby Wroslaw şäheriniň «Şlýonsk» kluby bilen deň utuk toplasa-da, ikiçäk oýunlarda öňe saýlanmagy başardy. «Ýagelloniýa» topary «Şlýonskdan» myhmançylykda 2–1 utulsa-da, öz meýdançasynda 3–1 hasabynda ýeňipdi. Şunlukda, 34 oýunda 63 utuk toplan «Ýagelloniýa» topary Polşanyň çempionatynda ilkinji gezek çempion diýen ady eýeledi. 2007/08 möwsüminden bäri ýokary ligada yzygiderli çykyş edip gelýän «Ýagelloniýa» topary 2017/18 we 2018/19 möwsümlerinde 2-nji ýeri eýeläpdi. Polşanyň çempionatynda soňky 6 ýylda 3-nji gezek bir topar ilkinji çempionlygyny gazandy. 2018/19 möwsüminde «Piast Gliwise» topary, geçen möwsümde-de «Rakuw Çenstohowa» kluby ilkinji çempionlygyny gazanypdy.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# 17-nji ÝEWROPA ÇEMPIONATYNYŇ DUŞUŞYKLARYNYŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI

| GÜNI | | WAGTY | | 1-nji TOPAR | HASAP | | 2-nji TOPAR | STADIONY - ŞÄHERI |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 14-nji iýun | Anna | 00:00 | A | GERMANIÝA | | | ŞOTLANDIÝA | «Allianz Arena» – Münhen |
| 15-nji iýun | Şenbe | 18:00 | A | WENGRIÝA | | | ŞWEÝSARIÝA | «RheinEnergieStadion» – Köln |
| 15-nji iýun | Şenbe | 21:00 | B | ISPANIÝA | | | HORWATIÝA | «Olympiastadion» – Berlin |
| 15-nji iýun | Şenbe | 00:00 | B | ITALIÝA | | | ALBANIÝA | «Westfalenstadion» – Dortmund |
| 16-njy iýun | Ýekşenbe | 18:00 | D | POLŞA | | | NIDERLANDLAR | «Volksparkstadion» – Hamburg |
| 16-njy iýun | Ýekşenbe | 21:00 | C | SLOWENIÝA | | | DANIÝA | «Stuttgart Arena» – Ştutgart |
| 16-njy iýun | Ýekşenbe | 00:00 | C | SERBIÝA | | | ANGLIÝA | «Arena AufSchalke» – Gelzenkirhen |
| 17-nji iýun | Duşenbe | 18:00 | E | RUMYNIÝA | | | UKRAINA | «Allianz Arena» – Münhen |
| 17-nji iýun | Duşenbe | 21:00 | E | BELGIÝA | | | SLOWAKIÝA | «Frankfurt Arena» – Frankfurt |
| 17-nji iýun | Duşenbe | 00:00 | D | AWSTRIÝA | | | FRANSIÝA | «Düsseldorf Arena» – Düsseldorf |
| 18-nji iýun | Sişenbe | 21:00 | F | TÜRKIÝE | | | GRUZIÝA | «Westfalenstadion» – Dortmund |
| 18-nji iýun | Sişenbe | 00:00 | F | PORTUGALIÝA | | | ÇEHIÝA | «Red Bull Arena» – Leipsig |
| 19-njy iýun | Çarşenbe | 18:00 | B | HORWATIÝA | | | ALBANIÝA | «Volksparkstadion» – Hamburg |
| 19-njy iýun | Çarşenbe | 21:00 | A | GERMANIÝA | | | WENGRIÝA | «Stuttgart Arena» – Ştutgart |
| 19-njy iýun | Çarşenbe | 00:00 | A | ŞOTLANDIÝA | | | ŞWEÝSARIÝA | «RheinEnergieStadion» – Köln |
| 20-nji iýun | Penşenbe | 18:00 | C | SLOWENIÝA | | | SERBIÝA | «Allianz Arena» – Münhen |
| 20-nji iýun | Penşenbe | 21:00 | C | DANIÝA | | | ANGLIÝA | «Frankfurt Arena» – Frankfurt |
| 20-nji iýun | Penşenbe | 00:00 | B | ISPANIÝA | | | ITALIÝA | «Arena AufSchalke» – Gelzenkirhen |
| 21-nji iýun | Anna | 18:00 | E | SLOWAKIÝA | | | UKRAINA | «Düsseldorf Arena» – Düsseldorf |
| 21-nji iýun | Anna | 21:00 | D | POLŞA | | | AWSTRIÝA | «Olympiastadion» – Berlin |
| 21-nji iýun | Anna | 00:00 | D | NIDERLANDLAR | | | FRANSIÝA | «Red Bull Arena» – Leipsig |
| 22-nji iýun | Şenbe | 18:00 | F | GRUZIÝA | | | ÇEHIÝA | «Volksparkstadion» – Hamburg |
| 22-nji iýun | Şenbe | 21:00 | F | TÜRKIÝE | | | PORTUGALIÝA | «Westfalenstadion» – Dortmund |
| 22-nji iýun | Şenbe | 00:00 | E | BELGIÝA | | | RUMYNIÝA | «RheinEnergieStadion» – Köln |
| 23-nji iýun | Ýekşenbe | 00:00 | A | ŞWEÝSARIÝA | | | GERMANIÝA | «Frankfurt Arena» – Frankfurt |
| 23-nji iýun | Ýekşenbe | 00:00 | A | ŞOTLANDIÝA | | | WENGRIÝA | «Stuttgart Arena» – Ştutgart |
| 24-nji iýun | Duşenbe | 00:00 | B | ALBANIÝA | | | ISPANIÝA | «Düsseldorf Arena» – Düsseldorf |
| 24-nji iýun | Duşenbe | 00:00 | B | HORWATIÝA | | | ITALIÝA | «Red Bull Arena» – Leipsig |
| 25-nji iýun | Sişenbe | 21:00 | D | NIDERLANDLAR | | | AWSTRIÝA | «Olympiastadion» – Berlin |
| 25-nji iýun | Sişenbe | 21:00 | D | FRANSIÝA | | | POLŞA | «Westfalenstadion» – Dortmund |
| 25-nji iýun | Sişenbe | 00:00 | C | ANGLIÝA | | | SLOWENIÝA | «RheinEnergieStadion» – Köln |
| 25-nji iýun | Sişenbe | 00:00 | C | DANIÝA | | | SERBIÝA | «Allianz Arena» – Münhen |
| 26-njy iýun | Çarşenbe | 21:00 | E | SLOWAKIÝA | | | RUMYNIÝA | «Frankfurt Arena» – Frankfurt |
| 26-njy iýun | Çarşenbe | 21:00 | E | UKRAINA | | | BELGIÝA | «Stuttgart Arena» – Ştutgart |
| 26-njy iýun | Çarşenbe | 00:00 | F | GRUZIÝA | | | PORTUGALIÝA | «Arena AufSchalke» – Gelzenkirhen |
| 26-njy iýun | Çarşenbe | 00:00 | F | ÇEHIÝA | | | TÜRKIÝE | «Volksparkstadion» – Hamburg |

| A TOPARÇA | B TOPARÇA | C TOPARÇA | D TOPARÇA | E TOPARÇA | F TOPARÇA |
|---|---|---|---|---|---|
| Germaniýa | Ispaniýa | Sloweniýa | Polşa | Belgiýa | Türkiýe |
| Şotlandiýa | Horwatiýa | Daniýa | Niderlandlar | Slowakiýa | Gruziýa |
| Wengriýa | Italiýa | Serbiýa | Awstriýa | Rumyniýa | Portugaliýa |
| Şweýsariýa | Albaniýa | Angliýa | Fransiýa | Ukraina | Çehiýa |

## IKINJI TAPGYR

**38-nji duşuşyk**
29-njy IÝUN, 21:00
«Olympiastadion» – BERLIN
A toparçanyň IKINJISI
B toparçanyň IKINJISI

**37-nji duşuşyk**
29-njy IÝUN, 00:00
«Westfalenstadion» – DORTMUND
A toparçanyň ÝEŇIJISI
C toparçanyň IKINJISI

**40-njy duşuşyk**
30-njy IÝUN, 21:00
«Arena AufSchalke» – GELZENKIRHEN
C toparçanyň ÝEŇIJISI
D/E/F toparçanyň ÜÇÜNJISI

**39-njy duşuşyk**
30-njy IÝUN, 00:00
«RheinEnergieStadion» – KÖLN
B toparçanyň ÝEŇIJISI
A/D/E/F toparçanyň ÜÇÜNJISI

## IKINJI TAPGYR

**42-nji duşuşyk**
1-nji IÝUL, 21:00
«Düsseldorf Arena» - DÜSSELDORF
D toparçanyň IKINJISI
E toparçanyň IKINJISI

**41-nji duşuşyk**
1-nji IÝUL, 00:00
«Frankfurt Arena» – FRANKFURT
F toparçanyň ÝEŇIJISI
A/B/C toparçanyň ÜÇÜNJISI

**43-nji duşuşyk**
2-nji IÝUL, 21:00
«Allianz Arena» – MÜNHEN
E toparçanyň ÝEŇIJISI
A/B/C/D toparçanyň ÜÇÜNJISI

**44-nji duşuşyk**
2-nji IÝUL, 00:00
«Red Bull Arena» – LEIPSIG
D toparçanyň ÝEŇIJISI
F toparçanyň IKINJISI

## ÇÄRÝEK FINAL

**45-nji duşuşyk**
5-nji IÝUL, 21:00
«Stuttgart Arena» – ŞTUTGART
39-njy duşuşygyň ÝEŇIJISI
37-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI

**46-njy duşuşyk**
5-nji IÝUL, 00:00
«Volksparkstadion» – HAMBURG
41-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI
42-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI

**48-nji duşuşyk**
6-njy IÝUL, 21:00
«Düsseldorf Arena» – DÜSSELDORF
40-njy duşuşygyň ÝEŇIJISI
38-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI

**47-nji duşuşyk**
6-njy IÝUL, 00:00
«Olympiastadion» – BERLIN
43-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI
44-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI

## ÝARYM FINAL

**49-njy duşuşyk**
9-njy IÝUL, 00:00
«Allianz Arena» – MÜNHEN
45-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI
46-njy duşuşygyň ÝEŇIJISI

**50-nji duşuşyk**
10-njy IÝUL, 00:00
«Westfalenstadion» – DORTMUND
47-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI
48-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI





## FINAL

14-nji IÝUL, ÝEKŞENBE, 00:00 — «Olympiastadion» — BERLIN

49-njy duşuşygyň ÝEŇIJISI — 14-nji IÝUL, 00:00 — 50-nji duşuşygyň ÝEŇIJISI

**Bellik:** Duşuşyklaryň başlanýan wagty Aşgabat wagty bilen görkezilen




## Ertir «Wembley»-de uly final

Ertir, ýagny 1-nji iýunda şenbe gününde UEFA-nyň iň uly klub ýaryşy Çempionlar Ligasynyň çempiony belli bolar. Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» bilen Ispaniýanyň «Real Madrid» toparlarynyň arasyndaky final duşuşygy Londondaky «Wembley» stadionynda geçiriler. Aşgabat wagty bilen ýarygijede (00:00) başlanjak oýna sloweniýaly Slawko Winçiç eminlik eder.

«Borussiýa Dortmund» topary 3-nji gezek finalda oýnasa, «Real Madrid» üçin bu görkeziji 18-e deňdir. «Borussiýa Dortmund» 1 (1997), «Real Madrid» 14 (1956, 1957, 1958, 1959, 1960, 1966, 1998, 2000, 2002, 2014, 2016, 2017, 2018, 2022) gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň kubogyny eýeledi. «Borussiýa Dortmund» finala çenli geçiren 12 duşuşygynyň 7-sinde (3 deňlik, 2 ýeňliş), ýeňlişsiz finala çykan «Real Madrid» 8-sinde ýeňiş gazandy (4 deňlik).

Iki topar mundan öň UEFA-nyň ýaryşlarynda 14 gezek gabatlaşdylar. Şolarda «Borussiýa Dortmund» 3, «Real Madrid» 6 gezek ýeňiş gazanyp, 5 oýun deňlikde tamamlandy. Gollarda «Real Madridiň» 24 goluna nemes kluby 19 top bilen jogap berdi.

Duşuşykda «Borussiýa Dortmund» ýeňiş gazansa, geljek möwsümde Germaniýadan 6 klub Çempionlar Ligasyna gatnaşar. «Real Madrid» ýeňse, klub hem-de toparyň tälimçisi Karlo Ançelotti tarapyndan birnäçe rekordlar täzelener.





Магазин запчастей для бытовой техники

РЕАЛИЗУЕМ:

.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.



Тел.: 96 07 67
865 09 57 67
863 30 81 01


# «Ertekiler dünýäsi»

## medeni dynç alyş merkezi paýtagtymyzyň ýaşaýjylaryny we myhmanlaryny medeniýetli dynç almaga çagyrýar







Ajaýyp durmuşyň we bagtyýar ýaşaýşyň gülläp ösýän mesgenine öwrülen paýtagtymyz Aşgabadyň gözel künjeginde ýerleşýän «Ertekiler dünýäsi» medeni dynç alyş merkezi bölekleýin abatlanyp, durky täzelendi. Seýilgähiň tutýan meýdany 35 gektara barabar.

Tizlik we lezzetli dynç alşy halaýanlar üçin häzirki zaman ýaryş awtoulaglaryny özünde jemleýän açyk asmanyň astyndaky karting meýdançasy bar. 5 müň inedördül metrlik täze ýaşyl gazon we 4 müň inedördül metrlik asfalt ýol bu ýerde guralýan bäsleşiklere ýatdan çykmajak lezzet çaýýar. Şeýle-de, «Ertekiler dünýäsinde» myhmanlaryň rahatlygy üçin 80 orunlyk awtoulag duralgasy bar.

Bu seýilgähde 162 myhmana niýetlenen 20 metr beýiklikdäki tans edýän suw çüwdürimi bolan täze restoranda daşary ýurtda tälim alan aşpezler myhmanlary saýlama tagamlar bilen begendirýärler.

Şeýle hem 300 adama niýetlenen 1200 inedördül metrden gowrak meýdanda ýerleşen «Görogly» fitnes merkezine ähli ýaşdaky ildeşlerimiz gelip bilerler.

Medeni dynç alyş merkeziniň üsti bu ýerdäki döwrebap aýratynlyklar hem-de beýleki gözel ýerler bilen ýetirildi. Seýilgähde bezelen çyralar, uly bolmadyk binagärlik şekilleri oturdyldy. Şeýle hem oýun meýdançalary çagalaryň we ýetginjekleriň göwnüne ýaraýar. Geçirilen abadanlaşdyryş işleriniň häsiýetli aýratynlygy bu ýeriň öňki özboluşlylygynyň täze oturdylan çydamly hem-de hemişe gök öwüsýän ösümlikler bilen utgaşdyrylmasydyr.

Durky täzelenen medeni dynç alyş merkezi çagalar we uly ýaşlylar üçin gapylaryny giňden açyp, her birimizi türkmen ertekileriniň jadyly dünýäsine alyp gidýär.

**1-nji iýunda bellenilýän Çagalary goramagyň halkara güni mynasybetli «Ertekiler dünýäsi» medeni dynç alyş merkezinde giň göwrümli baýramçylyk çäresi geçirilýär. Size bu ýerde dürli görnüşli hiňňildikler, seýilgäh çarhy, ulaglar kerweni, pyrlanýan çäýnek-käse, çaýkanýan gämi, uçýan haly, bökdürýän agaç, sessiz uçar, tans meýdançasy, aýlawly depejikler ýaly gyzykly attraksionlar garaşýar.**







Habarlaşmak üçin telefon belgimiz:
(+993 12) 21-06-48.